# MEN – BAGTLY ÇAGA

Çagalar baglary üçin okuw gollanmasy

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
Aşgabat – 2012

UOK 894. 361
M 37

M 37 **Men – bagtly çaga.** Çagalar baglary üçin okuw gollanmasy. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.

Çapa taýýarlanlar: *Nyýazberdi Rejebow, Akjemal Aýnazarowa*

TDKP № 397, 2011 KBK 84 Tür 7

© Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# SÖZBAŞY

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda» 2007-nji ýylyň fewral aýynyň 15-indäki Permany we «Bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek hakynda» 2007-nji ýylyň mart aýynyň 4-ündäki Karary bilim ulgamynda düýpli reformalary amala aşyrmaga hem-de bilimiň hilini şu günki durmuşyň talabyna laýyk getirmäge esas boldy. Bu resminamalar täze Galkynyş zamanasynda ýaş nesli okatmakda we terbiýelemekde aýdyň ýol görkezijilerdir.

Çagalar baglarynyň ähli bilimiň we terbiýäniň gözbaşydygyny nygtamak bilen hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow «Mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralarynda çagalary terbiýelemek we mekdepde okamaga taýýarlamak, olarda öz-özüňe hyzmat edip bilmek hem özüňi alyp barmak endiklerini kemala getirmek, türkmen dilini we beýleki dilleri, bilimleriň ilkibaşky esaslaryny öwretmek ýörite taýýarlanan milli maksatnama esasynda amala aşyrylyp, ol türkmen halkynyň asyrlaryň dowamynda emele gelen däp-dessurlaryna laýyklykda, çagalaryň içki dünýäsini baý ene dilimiziň şertlerinde kemala getirmäge gönükdirilendir» diýip, çagalara türkmen dilini – döwlet dilini öwretmegi düýpgöter gowulandyrmak wezipesini öňde goýdy.

Körpelere ene dilini öwretmek olaryň ýatkeşligini, üns berijiligini, oý-pikirini bir ýere jemlemek, özlerine erk edip bilmek başarnyklaryny ösdürmek, olarda watançylyk, ynsanper-

werlik, zähmetsöýerlik duýgularyny terbiýelemek bilen berk baglanyşyklylykda amala aşyrylýar.

Sözleýşi ösdürmekde çeper edebiýatyň orny uludyr. Çagalary çeper edebiýat bilen tanyşdyrmak arkaly olarda edebi eserleri diňlemäge, okamaga bolan islegi, eserleriň gowy gahrymanlaryna meňzemek meýli, olara duýgudaşlyk bildirmek, guwanç, buýsanç hem-de söýgi, ýaramaz gahrymanlara bolsa ýigrenç duýgulary terbiýelenýär, sözleýiş başarnyklary ýola goýulýar we ösdürilýär. Şonuň üçin-de körpeleri gysgajyk hekaýalary, ertekileri, aýdymlary, goşgulary, çaga durmuşyna degişli gürrüňleri diňlemäge we olaryň mazmunyny beýan etmäge, aýdymlardyr goşgulary ýat tutmaga, sahnajyklarda çykyş etmäge höweslendirmeli.

Şu wezipeleri berjaý etmek maksady bilen «Men – bagtly çaga» atly okuw gollanmasy taýýarlanyldy.

Bu ýygyndyda körpelere niýetlenen goşgular, hekaýalar, halk döredijilik eserleri öz beýanyny tapar. Okuw gollanmasy taýýarlanylanda «Türkmenistanda mekdebe çenli çagalara bilim we terbiýe bermegiň maksatnamasynyň» talaplaryndan ugur alyndy, sözleýiş başarnyklary we sowat öwredilende ilki bilen terbiýe bermekden we okatmakdan edilýän umumy talaplar hem-de çagalaryň ýaş aýratynlyklary, beýleki sapaklar boýunça alan düşünjeleri, durmuş tejribeleri göz öňünde tutuldy.

Çagalaryň sözleýşini ösdürmek boýunça şu okuw gollanmasyndan diňe bir çagalar baglary däl, eýsem mugallymçylyk mekdepleri-de, ata-eneler-de peýdalanyp bilerler.

## BAKJA TOPARY



# Iň ajap ýer

Näme üçin bu ýerleň
Gögi–asmany gowy?
Kir-kimirsiz dury ol
Göýä çeşmäniň suwy.

Näme üçin hoş ysly
Bu meýdanyň gülleri?
Näme üçin şadyýan
Saýraýar bilbilleri?

Näme üçin howasy
Derman deý hoştap munuň?
Näme üçin ýakymly
Şöhlesi Aýyň, Günüň?

Çünki bu gözel toprak
Meniň ganatym-perim.
Ajap eziz Watanym,
Meniň dogulan ýerim!

*Nury Baýramow*





# Gün näme diýýär?

Asmanyň irden
Gapysyn açyp,
Dünýäni gezýän
Nurumy saçyp.



Küýseýär meni
Otlar, agaçlar.
Küýseýär meni
Haýwanlar, guşlar.



Küýseýär meni
Gunçalar, güller.
Küýseýär toprak,
Hem ähli ýerler.

Gün çykyp dursun
Diýýärler hernä.
Çünki men hyzmat
Edýärin hemmä.

*Gurban Çöliýew*







# Pasyllar

**Gyş**

Gije uzaýar,
Ýagýar akja gar.
Ýapda suw doňýar –
Bular gyş bolýar.

**Ýaz**

Çykýar gök maýsa,
Güller açylýar.
Ekilýär ekin –
Bular ýaz bolýar.

**Tomus**

Uzaýar gündiz,
Bugdaý orulýar.
Dynç alşa çykylýar –
Bu tomus bolýar.

**Güýz**

Howa salkynlap,
Pagta ýygylýar.
Bişýär ir-iýmiş –
Bular güýz bolýar.

*Allamyrat Garaýew*



# Garynja we kepderi

*(Türkmen halk ertekisi)*



Bir gün bir garynja suw içjek bolup, ýabyň başyna barypdyr. Şonda ol suwa gaçypdyr.

Asmanda uçup ýören kepderi bir uzyn çöp alyp, ony garynjanyň ýanyna oklapdyr.

Garynja-da ol çöpe dyrmaşyp, suwdan çykypdyr we kepderä köp alkyş okapdyr.





Soň kepderi çöplük meýdanda otyrka, bir mergen ony tüpeňlemäge çemeleşip duran eken.

Hälki garynja muny görüp, mergeniň aýagyndan dişläpdir.

Mergen tisginip, tüpeňiniň mäşesini gysyp goýberipdir.

Kepderi bolsa pasyrdap, uçup gidipdir.



# Hüwdüler

Aýlar gyzym almaly,
Aýda dokar bir haly,
Halysynyň kenary,
On barmagnyň hünäri.

* * *

Aýlanaýyn adyňdan,
Ady ýagşy, bäbegim.
Aýlanaýyn men senden,
Ysy gowy, bäbegim.

Allaý-allaý, ak bally,
Saýrasa bilbil dilli,
Ýakasy gyzyl gülli,
Gülleriňe döneýin.

* * *

Allan-allan ýagşydyr,
Al palasyň nagşydyr,
Bir agasy tüýdükçi,
Bir agasy bagşydyr.



## KIÇI TOPAR

# Biz – Watan ogly

Biz – Watan ogly,
Biz – Watan gyzy.
Okap hem işläp,
Haklarys duzy.

Mukaddesdir seň
Topragyň, Watan.
Dil ýetirmesin
Her bir öňýeten.

Beripdir Alla
Baýlygy-genji.
Eziz ülkämiň
Ajap her künji.

Döretmeli biz
Hem-de gurmaly.
Atalaň ornun
Tutup durmaly.

*Pirnepes Öwezliýew*





# Güni söýüň!

Günüň şöhlesi
Dökülýär ýere.
Gün güýç paýlaýar
Ösümliklere.

Günüň astynda
Men depýärin ýer.
Günden gaçmaryn
Men eger-eger.

Ösýär daragtlar,
Miweler bişýär.
Gowaçalarda
Hasyl ýetişýär.

Günüň astynda
Garalýar hamym.
Joşgunly akýar
Damarda ganym.

Güýjüm köpelýär,
Dury aklym hem.
Günüň şöhlesi
Derdime melhem.

*Gurban Çöliýew*



# Watan hakynda aýdym

Lowurdap ak daňlar atar,
Dumly-duşuň gül-gülüstan.
Aýdan aýdyň, Günden gözel
Şanly ülkäm, Türkmenistan!

Guşlar bagda nagma kakyp,
Sesin goşar sesimize.
Ak sakgally gojalarmyz
Ýol görkezer neslimize.

Çeşmeleriň, bulaklaryň
Şirin aýdym-sazy bile,
Ganat açyp, ösüp barýas
Gül Watanyň ýazy bile!

*Nury Baýramow*



# Sährä

Güller açyk,
Ýollar açyk,
Dünýä ýaly
Çöller açyk.

Açyk biziň
Göwnümizem.
Asmandaky
Günümizem.

Açyk howa,
Açyk asman.
Biziň ile
Geliň myhman.

*Azat Rahmanow*



# Ýygymçy Jeren

Ejesi bilen
Çykdy pellere.
Goşuldy hasyl
Ýygýan ellere.

Sümek hanalar
Jerene bakýar.
«Meni al!» diýip,
Çawuşjyk çakýar.

Biraz ýygaýsa,
Haltasam doljak.
Ulalsa Jeren,
Köpmüňçi boljak!

*Agadurdy Akmyradow*





# Höwürtge

Bir guş diýdi: «Men nirde
Gurunsamkam höwürtge?
Jüýje çykarsam diýýän,
Guzlaga-da ýumurtga.

Bag-bakjada gurunsam,
Bozýar zalym kişiler.
Ýerzeminde, üçekde
Kaňkaşyp ýör pişikler».

Diýdim: «Sözüň rast seniň,
Howpsuz ýer tapmak çetin.
Başym üste ornuň bar –
Gel, depämde öý tutun!»

Bu teklibim görgülä
Ygtybarly göründi.
Ol dessine depämde
Höwürtgejik gurundy.

*Hemra Şirow*

# Gurjak bilen Jemal



Jigimiň ady Jemal,
Gurjagyň ady Bahar.
Bahar Jemala bakar,
Jemal-da maňa bakar.

Soňra bolsa: – Baharyň
Oturşyny gör! – diýer. –
Oňa ýeke hezil däl,
Gurjak alyp ber! – diýer.

Diýseň: – Nämä gerekmiş,
Onuň özi gurjag-a!
Diýer: – Iki gurjagyň
Oýnaýşyny görjeg-ä!

*Akmämmet Hümmedow*

# Ilkinji gar

Bulutlar gelip,
Eledi elek.
Indi asmandan
Sansyz kebelek.

Aňdym bolşundan
Gyşyň niýetin.
Agaryp ýatyr
Giden gözýetim.

Üşän çagalar
Girdi içeri.
Ap-akja urba
Boldy bar ýeri.

Ähli mallary
Saldyk agyla.
Bakdym aýnadan
Giden aklyga.

Gawun-garpyzy
Gutardyk daşap.
Diňe gar galdy
Daşarda üşäp.

*Akmämmet Hümmedow*

# Gar adam

Bezeg berip jahana,
Gije dyzdan gar ýagdy.
Irden çykdyk meýdana
Meýlis, Derýa, Garýagdy...

– Geliň, hokkeý oýnalyň! –
Diýdi biziň birimiz.
– Oýnalyň-da, oýnalyň! –
Makulladyk barymyz.

Bölünişdik ikä biz,
Bir adammyz ýetmedi.
– Oýna! – diýdik Bekä biz,
Diýenmizi etmedi.

Çagyrdyk biz Hatamy,
Oýnamaga gelmedi.
Ýasadyk gar adamy,
O-da ylgap bilmedi.

– Ylgap ýörmese-de bor,
Oýna giryän bar adam.
Derwezeçi bolaýsyn –
Diýişdik biz – Gar adam!

*Akmämmet Hümmedow*

# Baglar

Ýaz gelende geýýärler
Owadan gök köýnegi.
Gök köýnegi baglaryň
Ýaz ýeliniň oýnagy.

Ýagyş ýuwar, ýel sypar,
Hellewleşer başlary.
Goşluşar oň sazyna
Ýap boýnuň gamyşlary.

Gitdigiçe ulalyp,
Ýapraklary ýetişer.
Mes toprakdan güýç alyp,
Baldaklary bekişer.

Tomus saçyp howruny,
Görkezende güýjüni,
Ýakyp, gowurmak üçin
Otlanynda pejini,

Öňküsinden has galyň
Gabyk örter daşyna.
Gök tahýanyň ornuna
Telpek geýer başyna.

Heder etmän tomusdan
Buýsanç bilen yranar.
Ot sowurýan epgege
Sereder-de daranar.

Düwmeleri döşünde
Durandyr tüýs ýaraşyp.
Gaba başyn yralap,
Dünýä berer ýaraşyk.

Altyn-kümüş şaýlaryn
Güýz gelende dakynar.
Gün nury dek görküni
Görseň gözüň dokunar.

Bedenine siňdirip,
Güýzüň çigrek howasyn,
Ýuwaş-ýuwaş sypyrar
Ýazyň beren lybasyn.

Güýz ýeline silkinip,
Ýere düşer ýapragy.
Ine, şeýdip örter ol
Uka giden topragy.

*Akmämmet Hümmedow*



# Atamyň bir aty bar

Atamyň bir aty bar,
Atamyň ady Seýis.
Her gezek toý bolanda,
Gyrmyzy donum geýip,
Barsam onuň ýanyna,
Atam ata mündürer.
Ak telpegme seredip,
Gözlerini güldürer.
Atym bolsa, guş bolup,
Uçar gider uzaga.
Atam atyndan başga
Münmändir hiç ulaga.
«Ataň barka – dost gazan,
Atyň barka – ýol gazan» –
diýip, atam kämahal
Öwredýär goşgy-gazal.

Goşgy däl-de, nakyl ol,
Nakyl däl-de, akyl ol.
Atamyň bir aty bar,
Indi meňem atym ol.

*Atamyrat Atabaýew*



# Gurbaga we içýan

*(Türkmen halk ertekisi)*

## 1

Bir gurbaganyň ýanyna bir içýan gelip:
– Gurbaga, gel, ikimiz dost bolaly – diýipdir.
Gurbaga:
– Bolýar – diýipdir.
Soň bu ikisi barýarkalar, öňlerinden ýap çykypdyr.
Şonda içýan:
– Gurbaga dost! Men bu ýapdan geçip bilmen – diýipdir.
Onda gurbaga:
– Dost, men seni arkama alar-da geçiräýerin – diýipdir.

## 2

Olar suwuň ortasyna baranlarynda, içýan gurbagany çakypdyr.
– Ýeri, içýan dost, bu näme etdigiň? – diýip sorapdyr.
Içýan:
– Bu meniň kärim-dä – diýip, jogap beripdir.
Gurbaga:
– Seniň käriň şu bolsa, biziň hem seniň ýaly «dost» üçin kärimiz, ynha, şu – diýip, suwa çümüp gidipdir.
Içýan bolsa suwa gark bolupdyr.



# Garynja we gurbaga

*(Türkmen halk ertekisi)*

Gadym wagtlarda bir gurbaga bilen bir garynja dost bolupdyr. Garynja ýaz aýlary hin gazynyp, bütin tomus özüne gyş iýer ýaly azyk taýýarlapdyr. Emma garynjanyň dosty gurbaga bolsa ýaz we tomus günlerini kölden-köle göçüp, warryklap geçiripdir. Şundan soň gurbaga gyş günleri iýere zat tapman, garynja dostunyň ýanyna gelip:

– Eý, dost, maňa gyş iýer ýaly iýmit berip bilmezmiň? – diýip sorapdyr.

– Ýeri, gurbaga dost, ýyly günlerde özüňe gyş iýer ýaly zat taýýarlaman näme işlediň? – diýip, garynja sorapdyr.

– Ýyly günleriň hemmesini saz-söhbet bilen geçirdim, gyşa iýmit taýýarlamak ýatdan çykypdyr – diýip, gurbaga jogap beripdir.

– «Tomus depesi gaýnamadygyň, gyş gazany gaýnamaz» diýipdirler, dost, bar onda, şol saz-söhbetiň bilen oňuber – diýip, garynja hinine girip ötägidipdir.



# Şalgam

*(Rus halk ertekisi)*

Bir garry baba şalgam ekipdir. Şalgam ullakan, örän ullakan bolup ýetişipdir.

Baba şalgamy goparjak bolup, çeke-çeke goparyp bilmändir.

Baba kömege çagyrypdyr mamany. Mama tutupdyr babany, baba tutupdyr şalgamy: çeke-çeke goparyp bilmändirler.

Mama çagyrypdyr agtyjagyny. Agtyjak tutupdyr mamany, mama tutupdyr babany, baba



tutupdyr şalgamy: çeke-çeke goparyp bilmändirler.

Agtyjak çagyrypdyr güjügi. Güjük tutupdyr agtyjagy, agtyjak tutupdyr mamany, mama tutupdyr babany, baba tutupdyr şalgamy: çeke-çeke goparyp bilmändirler.

Güjük çagyrypdyr pişigi. Pişik tutupdyr güjügi, güjük tutupdyr agtyjagy, agtyjak tutupdyr mamany, mama tutupdyr babany, baba tutupdyr şalgamy: çeke-çeke goparyp bilmändirler.

Pişik çagyrypdyr syçany. Syçan tutupdyr pişigi, pişik tutupdyr güjügi, güjük tutupdyr agtyjagy, agtyjak tutupdyr mamany, mama tutupdyr babany, baba tutupdyr şalgamy: çeke-çeke goparypdyrlar şalgamy.





# Ýalan hassa

*(Türkmen halk ertekisi)*

Derede bir güýçli ýolbars ýaşan. Ahyry ol ýolbars garrap, awdan galan. Ol köp pikirlenip, bir ýol tapan: «Garry ýolbars syrkawlapdyr» diýen habary ýaýradan. Her hili haýwanlar bu syrkawyň ýagdaýyny soramaga gelip başlanlar.

Tilki hem gelen:

– Ýolbars aga, ganymatmysyňyz? – diýip soran.

Ýolbars:

– Tilki dost, sen näme daşda durýarsyň, ýanyma gel – diýen.

– Ýolbars aga, seniň ýanyňa barýan yz bar-da, çykýan yz ýok. Şonuň üçin şu taýdan sorap hoşlaşaýjak – diýip, tilki jogap beren.



# Köp gülen bir aglar

*(Türkmen halk ertekisi)*

Gadym eýýamda bir tilkijik bar eken. Bu tilkijik güýz günleriniň birinde aw gözläp ýörkä, gurlup goýlan gapana düşüpdir. Tilki gapandan sypjak bolup her näçe urunsa-da, hiç sypyp bilmändir.

Birwagtdan soň gapanyň eýesi gelip, tilkini gapandan sypdyrypdyr. Tilki öz içinden: «Bu adam meni boşatsa gerek» diýip pikir edip durka, gapan eýesi tilkiniň guýrugyna ýüp dakypdyr-da, arkasyna alyp gidiberipdir. Şol barşyna tilki guýrugyny üzüp, gaçyp gidipdir.

Şol gaçyp barşyna bu tilkijik başga bir süri tilkiniň üstünden barypdyr. Ol tilkiler bujagaz tilkiniň guýrugynyň jontaryp durşuna gülşüpdirler.

Her näme-de bolsa bu tilkijik olaryň gülkülerine öwrenişip geziberipdir.



Şeýlelikde, ýaňky tilkiler bujagaz tilkä «jotda tilki» diýip, at goýupdyrlar.

Günleriň bir gününde ýaňky jotda tilki ýoldaşlaryna garap:

– Geliň, gurt oýnuny oýnalyň – diýipdir.

Ol tilkiler hem bu jotdaja tilkiden:

– Gurt oýny diýýäniň näme? Ol oýun nähili oýun bolýar? Ol oýny nädip oýnamaly? – diýip sorapdyrlar.

Jotda tilki bolsa:

– Bu oýun örän gyzykly oýundyr. Ýöne siz «Bu oýny kimden öwrendiňiz?» diýip sorasalar, meniň adymy berersiňiz. Men bolsa häzir bu oýny öwredeýin – diýipdir.

Ol tilkileriň guýruklarynyň düýbünden ýüp bilen pugta daňyp, hemmesini bir agaja baglap goýuşdyrypdyr. Şundan soň ol: «Siz häzir duruň, men bir depä çykyp, töwerege seredişdirip geleýin. Birden gelýän-gidýän bar bolaýmasyn. Ýöne oýna kellämizi gyzdyryp, barymyz heläk bolaýmalyň!» diýip, öň ýanlaryndaky depä garşy ugrapdyr. Ol depä çykyp, töweregine seredipdir-de:

– Haý, gaçaweriň, zaluwatlar. Bir atly mergen ýetip gelýär – diýip, sesiniň ýetdiginden gygyryp, özi hem bir tarapa gaçan bolupdyr.

Agaja bagly tilkiler «mergen gelýär» sesini eşidip, biri-birinden öň gaçjak bolup, urunmaga başlapdyrlar.

Şol barmana aňsatlyk bilen sypyp bilmejekdiklerine gözleri ýeten tilkileriň hemmesi guýruklaryny ýolup, zut gaçyp gidipdirler.

Şondan soň bu tilkiler hem jotda bolup galypdyrlar. Bu wakadan birnäçe gün geçenden soň, şol öňki jotda tilkijik bularyň ýanyna gelip: «Gülme goňşyňa, geler başyňa», «Köp gülen bir aglar» diýenlerine indi düşündiňizmi?» – diýip, olara gyjalat beripdir.

# Jelulym, Belulym

*(Türkmen halk ertekisi)*

Bir bar eken, bir ýok eken, bir garryja aýalyň bir bogazja geçisi bar eken.

Günlerde bir gün bu obanyň hemmesi göçüp, ýazlaga gidenmiş. Garryja aýal-da göçýär. Oba göçen wagtynda, geçi otlamak üçin meýdana giden eken.

Geçi agşamlyk ýatagyna dolanyp gelýär weli, görse ähli oba göçüp gidipdir.

Geçi nirä gitjegini bilmän, şol ýurtda bir köneje tama girýär-de ýaşaberýär.

Bir günden bir gün geçiniň ekizje owlagy bolýar, geçi owlaklarynyň biriniň adyna Jelulym, beýlekisiniň adyna hem Belulym dakýar.

Geçi owlajyklaryny tamda goýup, agzyny hem ýapyp, özi otlamaga gidýär. Ol meýdanda otlap süýtlenýär hem owlajyklary üçin agzyna ot alyp gelýär. Geçi gapydan gelip:



– Jelulym-a, Jelulym,
Aç gapyny, Belulym,
Agzym bilen ot getirdim,
Emjegim bilen süýt getirdim –

diýýär.

Owlajyklar bolsa derrew gapyny açýarlar. Soňra olar guýrujaklaryny bulaşyp, enelerini emýärler, soňundan hem ot iýýärler. Agşamlyk üçüsi tamda bileje ýatýarlar.

Geçi her gün şeýdip, owlajyklaryny ekläp ýör eken. Şol ýerde bir garry möjek hem bar eken. Ol owlajyklaryň ýaşaýan ýerini bilip hem eneleriniň olara nähili sözler aýdyp, gapyny açdyrýandygyny eşidip, ol hem şol sözleri öwrenipdir.

Bir gün geçi otlamaga gidende, möjek hälki tamyň işiginden gelip, özüniň aýylganç ýogyn sesi bilen:

– Jelulym-a, Jelulym,
Aç gapyny, Belulym,
Agzym bilen ot getirdim,
Emjegim bilen süýt getirdim – diýip gygyrypdyr.

Emma owlajyklar:

– Seniň sesiň erbet, biziň enemiziň sesi däl – diýip, gapyny açmandyrlar. Möjek:

– Eneňizdirin – diýip, olary ynandyrjak bolupdyr.

Owlajyklar:

– Biziň enemiziň aýagy akja bolmaly, hany, sen aýagyňy görkez! – diýipdirler.

Möjek meýdana aýlanyp, bir ölen geçiniň aýagyny tapyp getirip, işikden sokup, olara görkezipdir. Şondan soň owlajyklar ynanyp, gapyny açypdyrlar. Möjek owlajyklaryň ikisini hem lak-luk atypdyr, gapyny hem içinden bekläp ýatypdyr.

Owlajyklaryň ejesi meýdandan gelip:



– Jelulym-a, Jelulym,
Aç gapyny, Belulym,
Agzym bilen ot getirdim,
Emjegim bilen süýt getirdim –

diýip, her näçe gygyrsa-da, gapy açylmandyr. Soňra geçiniň gahary gelip, işigi bat bilen süsüp goýberipdir welin, gapy jarkyldap açylypdyr. Görse içinde bir çal möjek gözüni mölerdip ýatyr eken.

Geçi owlaklaryny görmändir. Olary möjegiň iýendigini bilip, ony süsüp, garnyny ýarypdyr. Owlajyklaryň ikisi hem möjegiň içinden çykypdyrlar. Geçi owlajyklaryndan:

– Meni gowy görýärsiňizmi ýa möjegiň içini gowy görýärsiňizmi? – diýip sorapdyr. Onda Jelulym:

– Enemi gowy görýärin – diýipdir.

Belulym bolsa:

– Möjegiň içi ýyljak, men-ä ony gowy görýärin – diýipdir.

Onuň şeýle diýenine enesiniň gahary gelip, Belulyma käýäpdir.

Şol gün garryja aýal geçisini gözlemäge gelipdir. Görse geçi owlajyklary bilen dur. Garryja mama:

– Wiý, bir geçimiz üç bolaýypdyr – diýip begenipdir. Soňra owlajyklary bilen geçisini öýlerine alyp gidipdir.



## ORTA TOPAR

# Enemden öwrenýän

Ir bilen turup,
Gün dogan bada,
Gidýär ejemdir
Kakam zawoda.

Gidýär mekdebe
Doganym Senem.
Enemiň ýanda
Galýaryn menem.

Enem garransoň,
Gidenok işe.
Erteki aýdyp
Berýär hemişe.

Öwrenýän ondan
Kän ertekini.
Bilýärin indi
On ertekini.

*Atabaý Kokanow*



# Kitap

Alyp kitap eline,
Okap berýär Çaryjyk.
Gulajygyn keýerdip,
Diňläp otyr Nurujyk.

Töwerekden diňleýärler,
Oglanjyklar gelişip.
«Sag bol» diýýärler Çara,
Gyzjagazlar gülüşip.

Her wagt okap otyr,
Kitapjygyn taşlaman.
Şatlanypjyk öz-özi,
Gaýgy-gamy ýatlaman.

*Aman Kekilow*





# Güýz güllän alma

Saralypdyr üzümleň
Bal gatylan salkymy.
Göýä indi Günüňem
Sary ýaly ýalkymy.

Şetdaly bagy sary,
Sap-sary naryň başy.
Göýä içýän suwlarnyň
Sary bal deý gözbaşy.

Ýöne bir gudrat bilen
Almada ýok sarylyk.
Gök öwüsýän ýapragy
Otyr güle garylyp.

Habar berýär ol güller
Maňa güýzüň bolşuny.
Bu ýyl gyş giç başlanar,
Güýz uzak bor, bil şuny!

*Nury Baýramow*



# Güýz

Ýel öwüsýär,
Ülpüldedýär,
Oýnap sünbül saçlary.
Telwas urýar,
Oýun gurýar
Altyn güýz agaçlary.

Salkyn güýz
Göýä ýaş gyz,
Geldi zerden don geýip.
Harman galýar,
Hasyl alýar
Daýhanlar zähmet söýüp...

Maşyn bary
Ammar sary
Güýz hasylyn çekýärler.
Ýene mertler
Bejerip ýer
Güýzlük ekin ekýärler.

*Rehmet Seýidow*

# Meniň şatlygym

Heýjanelek, janelek,
Men bir akja kebelek
Gülüňe gonan.

Sährамyň elwan güli,
Men bir saýrak bilbili
Pudaga gonan.

Men türkmen ilimiziň
Hem saýrak dilimiziň
Merjen dänesi.

Oguz han aslymyzyň,
Bu türkmen neslimiziň
Bagtly balasy.

*Sona Ýazowa*





# Ýadygärlik

Beýik Watana
Duşman çozanda,
Batyr esgerler
Söweşdi şonda.

Gorkmady buzdan,
Gaýtmady otdan,
Düşmedi olar
Güýçden-kuwwatdan.

Ýeňildi duşman,
Begendi bar ýer.
Arman, ýitirdik,
Ençeme esger.

Olaryň sönmez
Şan-şöhraty bar.
Gurduk olara
Baky ýadygär.

Uzap dur göge
Ol Aşgabatda.
Ýaňlanyp dur saz,
Ýanyp dur ot-da.

*Gurban Çöliýew*





# Amanyň bagy

Üç ýyl ozal
Ekipdi ol
Injir, üzüm, naryny.
Düýbün depip,
Suwlar sepip,
Ösdürdi oň baryny.

Bu ýaz olar
Gözel bolar
Güller açyp reňbe-reň.
Her pudakda
Bagban hakda
Guşlar ýasar dürli heň.

Gör, ýaş Aman
Güýç aýaman,
Işleýär öz bagynda.
Oýnap-gülüp,
Miwe ýolup,
Iýer tomus çagynda.

*Rehmet Seýidow*



# Gurbaga

– Nirä barýaň bökjekläp,
Eý, gurbaga, gurbaga!
Saňa bir sowalym bar,
Rugsat ber soramaga.

– Sowalyňy soňa goý,
Ýetmeli hol gür baga.
Düýn ýolbaşça söz berdim
Öz wagtynda barmaga.

Biz taýýarlyk geçýäris,
Sazdyr söhbet gurmaga.
Garynja dek işsiz däl,
Wagtym ýok meň durmaga.





# At gaýraty

Bir ýok eken,
Bir bar eken.
Bir güýçli at
Ýaşar eken.

Çöl ýoluny
Sökenmişin.
Öýe odun
Çekenmişin.

Tirkäp yzyna
Arabany,
Kän daşapdyr
Arpa, uny...

Bir gün – işiň
Böwşän güni
Oglan-gyzlaň
Hemmesini,

Güjüjegem
Goýman öýde,
Aýlapdyr at
Niräk diýse.

*Agageldi Allanazarow*

# Haly

Ejem dokaýar
Şeýle bir haly.
Onuň her göli
Edil gül ýaly.

Gündogaryňdan
Gün dogup barýar.
Bahara meňzäp,
Gül çogup barýar.

Gitdikçe uzap,
Boý alyp barýar.
Dürli reňklere
Boýalyp barýar.

Gözüň dokunýar
Bir görseň garap.
At çapýan ýaly
Uranda darak.

Älemgoşar dek
Hil-hil nagyşlar.
Ajap sähra diýp
Aldanýar guşlar.

Ejemiň eli
Şeýle bir çeper.
Islän nagşyny
Eglenmän çeker.

*Akmämmet Hümmedow*





# Ilkinji gar

Ýagypdyr agşam,
Ýumşajyk ak gar.
Dury asmandan
Gün ýere bakýar.

Ýagty şöhlesi
Garda oýnaýar.
Meger, ol gara
Bakyp doýmaýar.

Iberip bize
Ap-akja gary,
Indem bakyp dur
Ertirden bäri.

Ýa-da yzyna
Aljakmy gaýdyp?
Gaýgy edýärmiň,
Biz üşär öýdüp?

Oýnap bilmäňsoň
Garda täk özüň,
Ýa-da seň bize
Gidýärmi gözüň?!

*Ogulgerek Ussaýewa*



# Maýsanyň paltosy

Çagalar bagyna
Gatnaýar Maýsa.
Egnine täzeje
Paltosyn geýse,

Sowuk ýok gyş güni
Garda, ýagyşda.
Maýsa üşemeýär
Aňzakly gyşda.

Maýsa bilen bile
Baga ugrasaň,
«Üşeýäňmi, Maýsa?»
Diýip sorasaň,

Diýýär: – Maňa ýyly,
Paltoma sowuk.
Maýsadan sowuk ýel
Geçýär sowulyp.

*Atamyrat Atabaýew*





# Hüwdüler

Ala dagyň arçasy,
Mawut, begres parçasy,
Ataň, eneň gül bolsa,
Sen olaryň gunçasy.

* * *

Alla-alla allaly,
Gülli baga baraly,
Bag içiniň bir güli,
Öý içiniň bilbili.

* * *

Allaý-allaý saz eder,
Bilbiller owaz eder,
Her kimiň öz çagasy,
Ejesine näz eder.

* * *

Allaý-allaý el biter,
Nar agaja gül biter,
Üç ýaşyna baranda,
Saýrap duran dil biter.

# Sanawaçlar

Ekem-ekem,
Arpa çekem.
Ýola bakam,
Gözüm dikem.
Gyzyl towuk,
Gyrma towuk,
Jyňňyrdawuk,
Çek, aýak!

* * *

Öw-öwek,
Towşan döwek.
Bilbil saýrar,
Sesi ýaýrar.
Derýa akar,
Suwun çeker.
Gökde ümür,
Çekdi kömür,
Çek, aýak!

* * *

Ak at, boz at – iki ýyldyz,
Demirgazyk – ýeke ýyldyz,
Ýedigenim – ýedi ýyldyz,
Ýedi göçer, ýedi gonar.
Sanasaň sogaby bar.



* * *

Eý, taýagym,
Eziz taýagym,
Suwda gaýygym,
Dagda keýigim.
Tutdum gola,
Çykdym düze.
Ýagşy-ýaman,
Etme güman.
Özüň saýla,
Ine, taýak!

* * *

Bir aşygyň bit iýsin,
Iki aşygyň it iýsin,
Üç aşygyň üçege zyň,
Dört aşygyň töre zyň,
Bäş aşyk bile, gel, oýna!





# Garaşsyzlyk saýasynda

Parlak bagta bolduk eýe,
Garaşsyzlyk saýasynda.
Ýurdumyz baý baýram-toýa,
Garaşsyzlyk saýasynda.

Ähli türkmen bir maşgala,
Durmuşymyz taýdyr bala,
Arşa galýas ýyldan-ýyla
Garaşsyzlyk saýasynda.

Kalbym joşdy, belent serim,
Eşretlidir alyn derim.
Güller açýar türkmen ýerim
Garaşsyzlyk saýasynda.

Kynlyk baryn ýeňe-ýeňe,
Barha batly barýas öňe.
«Abadanlyk» atly daňa
Garaşsyzlyk saýasynda.

*Hudaýguly Allamyradow*





# Gargalaryň garalyşy

*(Rowaýat)*

Siz gargalaryň häzir garadygyny, gadym zamanlarda bolsa ap-ak bolandygyny bilýän däl hem bolsaňyz gerek.

Şol wagtlar gyşyň ortaky aýy ekeni. Ol aý, näme, hemişe şatlap duran aýaz bolýar. Ýöne şol mahal gyşyň ortaky aýynyň iň soňky güni näme üçindir howa maýlap, Gün çykypdyr. Şonda ap-ak garga başga bir garga:

– Nähili hezillik. Howa maýyl. Tüýs wagty geldi, tizräk höwürtge ýasanmaly – diýende, olaryň gürrüňini çuw-ak sakgally, durşy bilen doňan gyşyň ortaky aýy eşidip:

– Entek höwürtge ýasanmaga irräk bolaýmasyn – diýipdir.

– Sen nämä düşünýärsiň, aňkasy aşan garry. Onsoňam, heý, saňa azary degýärmi, hany, ugra şu ýerden – diýip, gargalar onuň ýüzüni alyp goýberipdirler.

Gyşyň ortaky aýy hiç zat diýmän, şol duran ýerinden göni gyşyň soňky aýynyň ýanyna baryp, iki gün karz bermegini sorapdyr. Şol karz alnan iki gün şeýle bir sowuk bolupdyr welin, doňduryp barýan eken. Ýaňky gargalar bolsa sowukdan ýaňa näderini bilmän, ahyry bir agaç kümäň pejinden daşaryk çykýan turbada gizlenipdirler. Gyşyň ortaky aýy gidenden soň turbadan çyksalar, gargalaryň öňki ap-ak perleri hüýt gara bolaýypdyr.

Ine, şondan bäri gargalar gara bolup galyberipdirler.

# Çöregiň bala öwrülişi

*(Türkmen halk ertekisi)*

Gadym döwürlerde bir oglan atasy bilen oduna gidipdir. Odun ýygjak ýerlerine baryp, goşlaryny düşürip, işe başlanlarynda oglanjyk:

– Ata, men ajygýan – diýipdir. Atasy oňa çörek berse, ol bir agyz dişläp goýupdyr, işdäsi almandyr. Oglan: «Çörek bilen iýer ýaly bal ýokmy?» diýipdir.

Atasy: «Baly alyp gaýtmadym, sebäbi basym çöregiň özi bala öwrüler» diýipdir.

Oglan köp oýnap, ýene birsellemden çörek iýip görse, ol bal ýaly dälmiş. Atasy oňa: «Sen arkaýyn oýnaber, çörek bala öwrülende özüm aýdaryn» diýipdir.

Oglan köp oýnapdyr, arasynda atasyna hem kömekleşipdir. Atasy bolsa sesini çykarman, diňe odun ýygyp ýörmüşin. Ahyry oglan çydaman çörek sorapdyr. Atasy şonda-da entek birneme howlukmaly däldigini aýdypdyr. Oglan ýene atasyna kömekleşipdir.

Şondan soň dadyp görse, çörek bal ýaly süýjümişin. Asyl çöregiň ýanyna hiç hili zat hem gerek dälmişin. Onuň özi şeýle bir tagamlymyş, Oglanjygyň ony iýdigiçe iýesi gelipdir. Munuň sebäbi nämekä?





# Ýüňlek goýun

*(Türkmen halk ertekisi)*

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanda bir garyp çopanyň iki sany iti bolupdyr. Olar goýunlary hemişe berk gorapdyrlar. Bir gün sürüden ýüňlek goýun gyra çykypdyr-da:

– Men hemişe ýeke gezjek. Meniň agzyma ot ýetenok. Aýry gezsem, otdan basym doýaryn – diýip, özbaşdak gezmäge başlapdyr.

Alabaý, Garagöz diýen itleriň diýenini etmän, ýüňlek goýun hemişe bir endigini gaýtalapdyr. Süri saga gitse, ol çepe, süri çepe gitse, ol saga gider eken. Bir gün bolsa ýüňlek goýny peýläp ýören aç möjek dişlerini syrtardyp, onuň öňünden çykypdyr-da:

– Ýüňlek goýun, gel, ikimiz dost bolaly – diýipdir. Ýüňlek goýun möjegiň mekirligini bilmän:

– Menem ýeke gezip ýadadym. Iki bolsak gowy bolar – diýip, jogap beripdir.

Şol wagt ýeke gezýän ýüňlek goýnuň möjek bilen duranyny gören çopan ör-gökden gelipdir. Ol Alabaýa, Garagöze ýüňlek goýnuň ýanynda duran möjegi görkezip:

– Ýetiň, kowuň, ýogsam häzir ýüňlek goýny möjek alyp gidýär – diýip gygyrypdyr.

– Häzir bu ýüňlek goýny sazaklyga äkidip iýerin – diýip agzyny suwardyp duran möjek öz ýanyna iki sany goýun itiniň ýetip gelýänini görüp:

– Ýör, goýun dost, meniň öýüme myhmançylyga gideli – diýipdir. Bärden atylan ok ýaly bolup baran çopan itleri hem:

– Myhmançylyga bizi äkidiň! – diýip, möjegiň üstüne topulypdyrlar. Özüniň üstüne topulan itleri gören möjek goýundan geçip, gaçmak bilen bolupdyr.

– Men öz diýenimi gögertjek bolup, gedemlik edip, sürüden ýeke çykypdyryn. Indikide beýle bolman. Men Alabaýa, Garagöze sag bol aýdaýyn – diýip, gorkudan ýaňa titräp duran ýüňlek goýun sürä tarap gidipdir.





# Pyşdyl, keýik, garga üçüsiniň dostlugy

*(Türkmen halk ertekisi)*

Bir zamanda bir pyşdyl, bir keýik, bir garga dost bolupdyr. Bular näme iş etselerem, maslahatly edermişler.

Günleriň birinde keýik janawar duzaga düşenmiş. Garga-da ýanynda eken. Ol baryp çüňki bilen duzagy çözüp bilmändir.

Onsoň ol pyşdyla:

– Keýik dostumyz-a awçynyň duzagyna düşdi. Men boşadyp bilmedim. Sen synanyşmasaň, boljak däl – diýen.

Onda pyşdyl:

– Bolýar, ýöne men onuň nirededigini bilemok. Salgy bereniňde-de nädip tapaýyn? – diýýär.

Onda pyşdyl:

– «Gak-gak» edip uçup gitme-de, garynja tümmegi ýaly üýşmejik gum görseňem gonup git. Meni şeýdip, keýigiň üstünden eltmeseň, görýän ýerim barmy? – diýen.



Garga pyşdylyň aýdyşy ýaly edip, pyşdyly keýigiň ýanyna alyp barypdyr. Pyşdyl duzagy çeýnäp kertipdir-de, keýigi boşadypdyr.

Onsoň olar keýigi boşadan ýerlerinden gaçmagy maslahat edipdirler.

Pyşdyl janawar şubela mytdyldap gitse hem, hiç ýol öndürip bilmändir. Keýik bilen garga hem pyşdyly taşlap, ondan aýrylyp gidip bilmändirler. Iň ýamany, pyşdylyň yzy ýerde ýol ýaly bolup ýatanmyş. Şol wagt şemal hem turmandyr.

Basym duzagyň eýesi gelipdir. Görse bir zat duzagy kertip, keýigi boşadypdyr. Ol töweregine ser salanda, pyşdylyň yzy görnüpdir. Duzagyň eýesi yzy yzarlap, birsalymdan pyşdylyň yzyndan ýetipdir-de:

– Aý, pyşdyl, dur entek, sen betnebsi ýokarky çanagyňdan bir dyndaraýyn! – diýip topulan.

Keýik janawar durup bilmän, pyşdylyň beýle gapdalyna ýykylypdyr. Duzagyň eýesi: «Ynha, maňa bir aw, belki, duzaga düşen keýikdir, aýagyny agyrdandyr» diýip, oňa topulan.

Duzagyň eýesi ýetiberende, keýik turup gaçyp, elli-altmyş ädime baryp, ýene ýykylypdyr. Duzagyň eýesi keýigi ýene kowalapdyr. Bular şeýdip, esli gidýärler. Ahyrynda Gün batyberende keýik dars-dars edip, gözden gaýyp bolupdyr.

Şeýdip, keýigem pyşdyly ölümden halas edipdir.





# Synag

*(Hekaýa)*

Ol gün Oraz üçin iň şatlykly günleriň biri boldy. Kakasy ony özi bilen awa alyp gitdi.

Olar çaýyrly ýoldan ýöräp gelişlerine, köne jaryň guran gamyşlaryny basgylap, Amyderýanyň kenaryna ýetdiler. Amyderýa düwme ýasap, däli-porhan bolup akyp ýatyrdy. Gyşyň aňzagyna boýun bolup, onuň doňjak gümany ýok. Oraz aňyrsy çaňap görünýän deryany mähir bilen synlap, göwnündäkini dile getirdi:

– Kaka, heý, Amyderýamyz ýaly owadan hem däli-porhan derýa barmyka?!

Halmyrat aga ädigininiň palçygyny suwa ýuwup bolup, uçup giden iki ýaşylbaş ördege garady.

– Amyderýanyň owadan däl zady bolmaz, oglum! Üstesine-de, çörekli, bereketli derýadyr bu. Gör, Garagumy nädiberdi ol!

Awçylar Amyderýanyň kenaryny synlap, kän ýörediler. Indi çep tarapynda jeňňellik başlanýardy. Gije ýagan gar ýeri, agaçlary kümüş dona büräpdi. Jeňňel ümsümdi, parahatdy. Ne tilki görünýärdi, ne-de şagal. Diňe şahalary burjy baglan igdeler, ýylgynlar, toraňňylar irkilişip, dymşyp otyrdylar. Bir açyklyga ýetdiler welin, Halmyrat aga garyň üstündäki guş yzlaryna siňe garap, tüpeňine ok saldy.

– Sülgüniň yzy. Şu töwerekdedir olar. Gözüme kaklyşdygy sypdyrman.

Oraz Güne ýaldyraýan kümüşleç töweregi synlady. Hiç zat ýok. Diňe Gün düşýän pudaklardan gar tokgajyklary ýere gaýyp düşýärdi. Halmyrat aga awuny yzarlap ugrady.

Orazam kakasynyň yzy bilen barýardy.

Tüpeňli awçy birden ullakan toraňňa ýaplanyp, tüpeňiň gulagyny gaýtardy. Hol aňyrda iki sany sülgün gary dörüp, iým çöpleýärdi. Oraz olary göreninden, ýüregi gürsüldäp urmaga başlady. Kakasy bir gözüni ýumup, sülgünleri nyşana alanda bolsa, Oraz onuň synyndan ýapyşyp, ýalbarmaga durdy:

– Atmasana, kaka...

– Näme üçin?

– Atsaň, senden örän gaty öýkelärin, kaka!

– Weý, munuň aýdýanyny! Uçmankalar, tüwdüreýin ahyryn...

Halmyrat aga şeýle diýdi-de, ýene çemelendi. Emma Oraz ony bar güýji bilen silkeledi.

– Sen ýaňy Amyderýanyň ähli zady gözel diýmediňmi näme?! Indi näme şol gözel zatlary atjak bolýaň?!

Halmyrat aga oglunyň goýmajagyny bilenden soň, tüpeňiň mäşesini öňki ýerine eltdi-de, ony omrup, nilindäki oklary çykardy. Orazyň egnine elini goýdy:

– Oglum, menem-ä tokaýy, derýa kenaryny, sülgünleri, gumrulary gowy görýärmikäm diýýärdim welin, sen mendenem ozdurjak. Men seni synadym, oglum. Tebigatymyza nähili garaýanyňy biljek boldum. Sülgün – meýdanlarymyzyň gelşigi. Olary goramagymyz gerek – diýdi.

*Şadurdy Çaryýew.*





# Üç çopan

*(Türkmen halk ertekisi)*

Bir bar eken, bir ýok eken, öňki wagtlarda bir baý bar eken. Onuň üç çopany bar eken. Ol baý çopanlaryny köp horlar eken. Ol çopanlar elmydama gury çörek iýer ekenler.

Günlerde bir gün bu çopanlaryň bakýan goýunlarynyň biri üçem guzlapdyr. Soň bu çopanlar birleşip, «Geliň, şu guzularyň birini iýeliň» diýip, maslahat edýärler. Soň çopanlar birleşip, bir guzyny soýup, çorba edinýärler. Emma guzy örän kiçijik bolany üçin, eti hem örän az bolupdyr, edinen çorbalary hem zordan bir adama nahar boljak diýýär.

Bular näme etjeklerini bilmän, öz aralarynda maslahat edýärler.

Çopanlaryň biri:

– Bu çorbany öýläne goýalyň. Günortan bolsa, üçimiz hem ýatalyň, haýsy birimiz gowy düýş görsek, çorbany hem şol iýmeli edeliň – diýipdir. Beýleki çopanlar hem munuň aýdanyna razy bolupdyrlar. Günortan bular ýatypdyrlar. «Günortan ýatalyň»

diýip, maslahat beren çopandan beýleki iki çopan uklapdyr. Emma ol ýatmandyr. Iki çopan pugta uka gidensoň, beýleki çopan baryp, çorbany ýeke özi iýipdir. Birsalymdan soň, beýleki iki çopan hem turupdyr. Soň olar öz gören düýşlerini biri-birlerine gürrüň edip beripdirler.

Çopanlaryň biri:

– Men düýşümde aýal alýaryn – diýen.

Ýene biri:

– Men baý bolýaryn – diýen.

Çorbany iýen çopan bolsa:

– Men düýşümde seniň aýal alýanyňy we aýalyňa çorba bişirdeniňi, seniň bolsa baý bolanyňy gördüm. Men bolsam aýal hem alamok, baýam bolamok. Şonuň üçin hem bişiren çorbamyzy iýäýdim – diýen.





# Ýaşyl ýandak

*(Erteki)*

Bir düýäniň üç köşegi bar eken. Doganlaryň üçüsiniň hem üýtgeşik ady barmyş. Ululuaryna Çopantelpek, ortanjylaryna – Tüýlüje, kiçilerine bolsa Tagmaly diýer ekenler.

Köşejikler mydama bir-birlerine: «Nämüçin biziň üýtgeşik atlarymyz barka?» diýip, sorag berer ekenler. Şonda olaryň ulusy: «Men doglanymda akja bolup doglupdyryn, diňe meniň maňlaýym saryja. Şonuň üçin maňa «Çopantelpek» diýipdirler» diýer eken. Ortanjysy: «Maňa «Tüýlüje» diýmekleriniň sebäbi, men doglanymda tüýlerim buýra-buýra bolupdyr» diýse, kiçisi bir gapdala öwrülip, böwründäki tegmili görkezip: «Ejem meniň şu tegmilim bolansoň, «Tagmaly» diýip at dakypdyr» diýýär.

Doganlar örän agzybir ekenler, olar mydama her bir işde bile bolupdyrlar, bile oýnar ekenler, hemmesi bileleşip, ejelerine kömek eder ekenler, iýip-içenlerinde hem bile bolupdyrlar. Olar hiç haçan tersleşmändirler. Düýe bolsa öz köşeklerine guwanar eken.

Bahar gelipdir. Köşejikler ejelerinden aýra derýa boýuna gidipdirler. Olar ýazyň gözelligine guwanyp, şatlanyp barýarlar. Ýaz aýlary sähra örän owadan. Çar-töwerekde gök otlar ösüp otyr, guşlar saýraýar, çekirtgeler çyrlaşýar. Ýolda köşekler gök öwsüp oturan ýaşyl ýandakly depä duşýarlar. Olaryň işdäsi açylyp, ýandagy derrew iýesleri gelipdir. Ýöne olar-a üç, ýandak bolsa ýekeje düýp eken. Ýandagy kim iýmelidigi hakda jedelleşip başlapdyrlar.

– Ýandagy men iýmeli, sebäbi men siziň ulyňyz – diýip, Çopantelpek söze başlapdyr.

– Ýok, ýandagy men iýjek, sebäbi men iň kiçiňiz – diýip, Tagmaly dawa tutupdyr.

– Meniň hem ýandak iýesim gelýär – diýip, Tüýlüje-de kem galmandyr. Şeýdip, olaryň agyzlary alaryp başlapdyr. Şol wagt olaryň ýokarsyndan Garga uçup barýar eken. Ol doganlaryň hiç wagt dawa-jenjel etmeýändiklerini synlap ýörýär eken. Garga olaryň ýanynda gonup:

– Salam, köşejikler, siziň dawaňyz näme? Mundan öň dawa-jenjel etmäňiz ýokdy-la! – diýipdir.

Onda köşejikler:

– Salam, Garga ýeňňemiz! Biz bir terje gök ýandaga duş geldik. Indi şony kimiň iýmelidigi hakynda dawalaşýarys – diýenler.

Garga:

– Ýandagy ilki kim gördi? – diýip sorapdyr.

Köşekler:

– Hemmämiz birden gördük – diýipdirler.

Garga oýa-pikire batypdyr. Soňam:

– Ýandagyň sany näçe? – diýýär.

Köşekler öýkeli ses bilen:

– Bary-ýogy ýekeje ýandak – diýip jogap berýärler.

Garga:

– Siziň ejeňiz näçe? – diýýär.

Onda köşekler: «Biziň bary-ýogy bir ejemiz bar. Geliň, bu terje ýandagy ejemize eltip bereliň. Sebäbi iň gowy zatlar ejelere sowgat berilmeli. Sag boluň, Garga ýeňňemiz» diýip, şatlanyp, terje ýandagy alyp, ejeleriniň ýanyna eňipdirler.

Garga bolsa ýylgyryp, öz nesihatyndan hoş bolup, uçup gidipdir.

*Wiktoriýa Çernikowa*



## ULY TOPAR

# Awaza waspy

Kenarynda Awazaň,
Nur saçýar gözel şäher.
Gök diňleýär owazyn,
Gelipdir baky bahar.

Ymaratlar seleňläp,
Görk berip dur Awaza.
Myhmanlar gelýär müňläp,
Şatlyk goşup dabara.

Haýran galýar sereden,
Awazaň gujagy – çag.
Gözelligi döreden,
Ýaşa, beýik Arkadag!

*Myrat Ömür*

# Salam, tomus!

Salam, tomus, hoş geldiň!
Bezäp biziň Diýary.
Bir gez ösdük, ulaldyk,
Geçen tomusdan bäri.

Meňzäp Günüň reňkine,
Arpa-bugdaý bişipdir.
Sap-saryja erikler
Tänip ýere düşüp dur.

Ynha, ýene haý diýmän,
Gawun-garpyz ýetişer.
Salkym bolup oturan
Üzümler kemsiz bişer.

Bu gün bize garaşýar,
Sowuk suwly güzerler.
Dynç alýan çagajyklar
Balyk ýaly ýüzerler.

Yssy tomsuň her güni,
Hezillikden doludyr.
Ählimiziň keýpimiz
Açylan gül ýalydyr.

Salkyn saýa biziňki,
Dynç alarys üç aýlap.
Geçip gider tomsumyz,
Şatlyk baryny paýlap.

*Pirnepes Öwezliýew*



# Soňam bir oba barjak

Pyşdyl, pyşdyl, pyşdyl men,
Irden ýola düşdüm men.

Gezjek, dünýäni görjek,
Soňam bir oba barjak.

Töweregme ser salyp,
Oturjak ak öý bolup.

*Agageldi Allanazarow*





# Şolaryň biri

Gyzyl şar,
Ak şar,
Sarysy bar,
Gögi bar.

Ter gülli çemeniň
Hut özi bolup.
Olar gidip barýar
Asmana galyp.

Uçmaga höwesli,
Olaryň bary.
Begenýän, meniňki
Şolaryň biri.

*Agageldi Allanazarow*





# Jan içinde

Durna aýdar: – Uçar men,
Bagdat suwun içer men.
Gyş Hindistan göçer men,
Lälezarlyk içinde.



Düýe aýdar: – Otlar men,
Otlan ýerim ýatlar men.
Elmydama botlar men
Selin, sazak içinde.



Ýaby aýdar: – Men gende,
Üstüme münen bende,
Azabym köpdür günde,
Özüm hyzmat içinde.

*Magtymguly*

# Tilkiniň dükany

Tilki dükan gurundy
Şäheriň bir çetinde.
Hile-mekirlik satmak
Bar onuň niýetinde.

Diýýär: – Meniň harydym
Belki, zerurdyr ile.
Al gerege al tapdyr,
Hile gerege – hile!

Mekirligem bar, ynha,
Bir iş düşse başyňa,
Al-da ulan,
Aňňalak
Gapdyr garşydaşyňa!

Ýagyrniçlik otlaýan
Sapalagam satmakçy.
Garaz, men şu ugurdan
Ili üpjün etmekçi.

*Hemra Şirow*



# Aýaz daýymyz geldi

Altyn ýyldyz ýaraşýar,
Arçamyzyň başyna.
Aýaz daýy garaşýar,
Düzüleliň daşyna.

Salamlaşyp daň bilen,
Ýüzümize bakanda,
Gürleşeliň oň bilen,
Bäşliklermiz hakynda.

Gar tozgasyn sepeläp,
Ýanwar aýymyz geldi.
Ak sakgalyn sypalap,
Aýaz daýymyz geldi.

Egnindäki possuny
Ak pagtamyz mysaly.
Gar basypdyr üstüni,
Eli kümüş hasaly.

Eger Aýaz daýymyz,
Mekdebmize seretse,
Diýer: – Okuw jaýyňyz
Gunduzdan-da arassa.

*Kerim Gurbannepesow*



# Gyş bilen hoşlaşyk

Barha-barha azalyp
Gyşyň gazap-gahary,
Tebigat oň ýerine
Alyp gelýär bahary.

Gargalar gagyldaşyp,
Gyşy sürüp barýarlar.
Torgaýlar göge galyp,
Ýaz gelýänin görýärler.

Garda ýuwulan baglaň
Pyntyklary ýaryldy.
Ýylaklar pyşyrdaşýar:
«Heýjanelek!
Ýaz geldi!»

Bütin meýdan, dag-düzler
«Ýaz geldi» diýip seslenýär.
Hoş gal, gyş!
Hoş, mähriban!
Indi bahar islenýär!

*Nury Baýramow*



# Bahar geldi

Bahar geldi,
Hezil boldy.
Gül açyldy,
Gyzyl boldy.

Akdy şaglap,
Dagda bulak.
Çykdy derläp,
Ýaşyl ýylak.

Uşak-iri,
Guşlar bary
Ýazy öwüp,
Saýradylar.

Gurçuklary,
Çyrçyklary,
Bagdan kowup,
Ýaýradylar.

Menem şonda
Günde-günde
Petde-petde
Ot ordum, dost.

Ýelmik çeýnäp,
Güýjüm synap,
Çugdamlapjyk
Getirdim, dost.

*Aky Baýmyradow*





# Garlawaç

Guýrugy gaýçy ýaly,
Özi-de öýçi ýaly,
Hälisi-şindisi ýok,
Girer-çykar, öý ýasar,
Jaýymyzda jaý ýasar.

Şar garaja ýylmanak,
Döşjagazy ak menek.
Hälisi-şindisi ýok,
Çagalarna jibirdäp,
Iým daşaýar zybyrdap.

Kowsaňyz, uçar gider,
Öýňüzden göçer gider.
Ýakymly onuň ady,
Söýýär ol adamzady.

*Ilmyrat Pudakow*

# Garaşsyzlyk zürýady



Dünýä indi güýz güni
Gül meňizli çagajyk.
Bir eýjejik güýz güli
Gül meňizli çagajyk.

Käbeleriniň ilkisi,
Şat ýaňlansyn gülküsi,
Göýä altyn halkasy,
Gül meňizli çagajyk.

Ula-kiçä deň bolsun,
Ýigrendigi jeň bolsun,
Bir nurana daň bolsun,
Gül meňizli çagajyk.

Kalby bolsun saz ýaly,
Ömri bolsun ýaz ýaly,
Agras bolsun güýz ýaly,
Gül meňizli çagajyk.

Herbap bolsun diýeni,
Zerbap bolsun geýeni,
Bolsun iliň söýeni,
Gül meňizli çagajyk.

*Hudaýguly Allamyradow*



# Köke

Ejem tamdyrda
Bişirdi çörek.
Çörekler Güne
Meňzeýär gerek!

Gün dek gyrmyzy,
Gün dek tegelek.
Çörekler göýä
Gyzaran elek.

Meň üçin ejem,
Bişirýär käte –
Çörekler bilen
Kiçijik köke.

Gyzgynka iýip,
Hezil edinýän.
Köke çörekleň,
Jigisi diýýän.

*Begmyrat Täçmyradow*





# Köşejik

Mähirlidir ýaşajyk
Egri boýun köşejik.
Patanaklap «bö» edip,
Eder oýun köşejik.

Taýjagazdan uly ol,
Söýýär otluk çöli ol.
Haşal ýa körpe bolsun,
Ýa ýandak, arpa bolsun,

Syryp, düýrüp ýörendir,
Ot seljermez, horandyr.
Iýsin-iýmesin, mydam
Gäwüşäpjik durandyr.

*Aky Baýmyradow*



# Hüwdi

Meniň jigim ýatypdyr,
Gyzyl güle batypdyr.
Oýandyrmaň jigimi,
Ýaňja uka gidipdir.

Allan-allan edeýin,
Baga seýran edeýin.
Bagyň gyzyl gülüni
Saňa gurban edeýin.

Gülde ballar ysy bar,
Baglarda nar ysy bar.
Öz jigimiň üstünde
Gyzyl gülüň ysy bar.

Huwwa-huwwa, ýat, jigim,
Gyzyl güle bat, jigim.
Eziz Watan goýnunda
Ös hemişe şat, jigim.





# Sanawaçlar

**1**

Başam barmak baş getirdi,
Süýem barmak süýt getirdi.
Orta barmak ot getirdi,
Ogulhajat çaý atardy.
Külbikejik uzyn günläp
Uklap ýatdy, ýalta boldy.
Şol sebäplem onuň boýy
Hemmelerden kelte boldy.

**2**



Başam barmak baş getir,
Süýem barmak süýt getir,
Orta barmak ot getir,
Ogulhajat ot ýakar,
Külem barmak kül atar.

**3**

Bir diýenim – bit,
Iki diýenim – it,
Üç diýenim – üçek,
Dört diýenim – düşek,
Bäş diýenim – bişek,
Alty diýenim – aşyk,
Ýedi diýenim – ýelim,
Sekiz diýenim – serçe,
Dokuz diýenim – garga,
On diýenim – orak,
On birinji – sakar barak,
On ikinji – baş darak.











4

Iňňä-iňňä
Ujy diňňä,
Bal-balyn-a,
Şek-şekin-ä,
Gotur geçi,
Şatyr geçi,
Gola geçi,
Möle geçi.

Halalaň-hapbaň,
Güleleň-güpbeň,
Ýaryl-böwsül,
Çomakaý-çortakaý.
Däne-düýne,
Dömme-düh!

*Hojageldi Nurmyradow*





# Ene

*(Goşgy gysgaldylyp alyndy)*



Säher bilen hemmämizi oýadýan,
Süýt bişirip, çaýymyzy gaýnadýan,
Soňra bolsa – başymyzdan sypalap,
Gapa çykyp, ak mekdebe ugradýan
Mähriban enemizdir.

Ugradyp ýene-de seredip duran,
«Üşäýmegin!» diýip öwredip duran,
Tä garaň ýitýänçä yzyňdan garap,
Boýuňa guwanyp, syn edip duran
Mähriban enemizdir.

Saçy agarsa-da, ýüregi juwan,
Her bir sözi hüwdi, gujagy bossan,
Aýazda ygyşak, yssyda çarbag,
Garaňky gijede ýyldyzly asman
Mähriban enemizdir.

Beýik arzuwlary bitirip duran,
Her bir täze daňy atyryp duran,
Bütin Ýer şaryny çagajyk ýaly
Emdirip, gujagna göterip duran
Mähriban enemizdir.

*Kerim Gurbannepesow*

# Hoşniýetli Bitaraplyk

Bitarap bolduň, Diýar,
Erkin ganat ýaýýarsyň.
Abadanlyk nuruny,
Bu dünýäge çaýýarsyň.

Bitaraplyk – dostlugyň,
Doganlygyň özeni.
Haýran edýäň, diýarym,
Bütin Ýeriň ýüzüni.

Bitaraplyk – atalaň
Paýhasydyr, pähimi,
Merdanlara – guwanjy,
Ejizlere rehimi.

Eý, Bitarap Diýarym
Borjuň has-da uludyr.
Aladasy özgäniň,
Öz aladaň ýalydyr.

Bitaraplyk – çözmeli,
Dawalary saz ýaly.
Ara düşse sowuklyk,
Ýylatmaly ýaz ýaly.

Bitaraplyk–türkmeniň,
Namysydyr, ygrary.
Bitaraplyk ilkinji,
Garaşsyzlyk şygary.

Buşluk, gözüňiz aýdyň,
Bitarap bolduň, Diýar!
Bu gün ýene galkynyp,
Asmana galdyň, Diýar!

*Azat Rahmanow*



# Altyn bugdaýlar

*(Türkmen halk ertekisi)*

Gadym zamanlarda bugdaý ýabany gögerer eken. Adamlar bolsa süýt, gatyk, et we gök önüm iýip oňupdyrlar. Şol döwürde bir patyşa nökerlerini ýygnap, sähra awa çykypdyr. Ol bugdaýly meýdana aýlanyp ýörkä, öňünden owadan bir käkilik çykypdyr. Patyşa ok-ýaýyny eline alyp, käkiligi atmakçy bolanda, güýçli şemal turupdyr. Şonda bugdaýlar ygşyldap, käkiligi uçuryp goýberipdir. Muňa jany ýanan patyşa:

– Şu bugdaýlary zat goýman oruň – diýip, nökerlerine buýruk beripdir.

Nökerleri ýabany bugdaýy patyşanyň aýdyşy ýaly edip orupdyrlar. Bugdaý ençeme günläp ýerde ýatansoň, altyn ýaly öwsüpdir. Nökerler bu habary patyşa ýetiripdirler. Dergazap bolan patyşa ony degirmende üwemegi buýrupdyr. Bugdaýy degirmende üwäpdirler.





Bugdaý däneleri ak gar ýaly reňke öwrülipdir. Onuň ap-aklygy adamlaryň gözüne has-da ýakymly görnüpdir.

Bu habary patyşa aýdanlarynda:

– Üstüne suw guýuň. Goý, ol suwda duz ýaly eräp gitsin – diýipdir. Adamlar uny suwda eretjek bolup, biraz wagtlap garypdyrlar. Un eremän, hamyra öwrülipdir. Patyşa ýene-de höküm edipdir:

– Hany, göreliň, ony tamdyra hem salyp saklaň, nähili bolarka?

Hamyr gyzgyn tamdyrda esli wagtlap durandan soň, ondan tagamly bir zadyň ysy çykyp ugrapdyr. Çöregiň ysyny alyp ugran adamlar durup bilmän, tamdyra çozupdyrlar. Olar çörekden dadyp görüp:

– Patyşahym, näme-de bolsa bu iň tagamly zat. Sizem bir dadyp görüň, soňra bilersiňiz – diýipdirler.

Patyşa halkyň aýdanyny makullap, ondan dadyp görüpdir. Soňra ol durup bilmän:

– Adamlar, men ýalňyşypdyryn. Bu – dünýäde iň tagamly zat eken. Ony ekip köpeltmek gerek! – diýipdir. Şondan soň bugdaý arzyly bir azyga öwrülipdir. Ony adamlar ýyldan-ýyllara, asyrlardan-asyrlara alyp gelýärler. Ondan güýç-kuwwat alýarlar.

# Möjek we tilki

*(Türkmen halk ertekisi)*



Bir bar eken, bir ýok eken, bir çölüstanlykda bir tilki bar eken. Ol aw gözläp, aýlanyp ýörkä, birden bir goýnuň guýrugynyň üstünden baraýypdyr. Tilki oňa seredip, öz ýanyndan: «Bir belasy bolmasa, guýruk munda neýlesin» diýip oýlanypdyr. Onda-da ol: «Her näme bolsa-da, men muny iýmeli» diýip pikir öwürýär-de, daş-töweregine seredişdirýär. Görse, ynha, bir möjek geçip barýar. Tilki ony çagyryp, guýrugy görkezipdir-de:

– Möjek dost, sen örän argyn görünýäň welin, şujagaz guýrugy iýäý – diýýär. Onda möjek:

– Tilki dost, özüň näme üçin iýmediň? – diýip soraýar.

– Bu gün meniň guýruk iýmeli günüm däl. Ertä galsa-da zaýalanjak ýa-da başga biri iýjek, şonuň üçin sen iýäý – diýýär. Telim wagtlap zat tapman, surnugyp ýören aç möjek:

– Sag bol, tilki dost, men näçe günüň ajydym – diýip, ýatan guýrugyň üstüne topulýar. Açgöz möjegiň agzy heniz guýruga degmänkä, aýagy gapana düşýär. Onsoň möjek guýrukdan ellibizar geçip, aýagyny gapandan sypdyrjak bolup, iki ýana urunýar. Tilki bolsa indi gapanyň ýoklugyny bilip, arkaýyn baryp, guýrugy iýip başlaýar. Möjek oňa jany ýanyp:

– Tilki dogan, hany, sen ýaňy: «Bu gün meniň guýruk iýýän günüm däl» diýýädiň-le! – diýýär. Onda tilki:

– Möjek dost, ýaňy men tumşugymy asmana tutup gördüm welin, asmandaky Aýa gözüm düşäýdi. Asyl şu gün biziň aýt baýramymyz eken. Men asyl bilmän ýören ekenim. Aýt baýramynda bolsa men hökman guýruk iýýärin – diýipdir. Onda aýagy gapanly uwlap ýatan möjek:

– Tilki dogan, biziň aýt baýramymyz haçan bolarka? – diýýär. Onda tilki:

– Seniň aýt baýramyň, gapan eýesi gelende bolar – diýip, guýrugy lak-luk atýar-da gidiberýär. Onýança-da gapan eýesi gelip, möjegi taýak bilen urup öldürýär.



# Tilki we durna

*(Türkmen halk ertekisi)*

Bir tilki bilen bir durna ikisi dost bolupdyrlar. Tilki durna:

– Dostum, bize bir myhmançylyga gel. Gör, men saňa nähili söwüş ederin! – diýipdir.

Durna tilki dostunyňka myhmançylyga barypdyr. Tilki oňa nahar bişiripdir. Nahary bolsa bir telper tabaga guýupdyr-da:

– Al, durna dost, iý, örän süýji nahardyr – diýipdir. Durna çüňki bilen tabakdaky nahardan iýjek bolup, «tyk-tyk» edipdir weli, onuň aňyrsyna zat barmandyr. Tilki naharyň hemmesini dili bilen ýalap iýipdir-de:

– Durna dost, aýp etme, başga-ha iýer ýaly zat ýok – diýipdir.

Durna hem:

– Sag bol, dost, ýöne sen hem bize myhmançylyga baraweri. Men hem saňa örän süýji nahar bişirip bereýin – diýipdir.

Şeýlelikde, tilki hem ertesi durnanyňka myhmançylyga barypdyr. Durna hem bir süýji nahar taýýarlap, ony küýzä guýupdyr-da:

– Tilki dost, iýeweri, örän süýji nahardyr. Meniň-ä şundan başga berere zadym ýok – diýipdir.





# Tazy we tilki

*(Türkmen halk ertekisi)*

Bir öwünjeň tilki «Meniň şu günler ylgasym gelýär» diýen.

Tilkiniň bu sözlerini bir awçy eşidýär we ony tazysyna görkezýär.

Tazy tilkä topulýar. Tilki «Assa gaçan namart» diýip gaçyp başlaýar.

Şol wagt bir towşanjyk:

– Tilki aga, näme beýle gaty ylgaýarsyň? Örän ylgasyň gelipdir öýdýän? – diýýär.

Onuň soragyna tilki:

– Wah, halym agyr-da, ylgaman nädeýin – diýip jogap berýär-de, bir sürene özüni zordan atýar.





# Towşan we kirpi

*(Türkmen halk ertekisi)*

Bir bar eken, bir ýok eken, uly bir tokaýyň içinde çalja possunly towşan bilen endamy tiken bolup duran bir kirpijik goňşy bolup ýaşaýan ekenler. Towşanjyk ulumsy bolupdyr. Ol ýersiz ýere beýleki haýwanlaryň üstünden gülmegi hiç zatça bilmändir.

Kirpi bolsa örän agras, akylly bolupdyr. Bir gezek towşanjyk ýolda kirpä gabat gelip, jykyr-jykyr gülüpdir.

– Dogan jan, seniň geýýän donuň dagy nätüýsli? Görer ýaly däl-le, durşuna tiken bolup dur. Beýle-de bir betgelşik geýim bor eken – diýipdir.

Kirpi ýagşydan-ýamandan sesini çykarman, towşanjyga üns bermän, öz ýoluna gidipdir.

Günlerde bir gün ir bilen kirpi uly gykylyga ukudan oýanypdyr. «Be-e, bu nämäniň gykylygyka?» diýip, daşary çyksa, ynha, goňşusy çal towşanjygy tilki kowup gelýärmişin. Ol derrew tilkiniň öňüne böwet bolup, ýumak ýaly düýrlenip ýatyberýär. Badyny saklap bilmän, tilki kirpiniň awuly tikenleriniň üstüne basyp, elhenç ses edipdir-de, gaçyp gidipdir. Şonda kirpi bir çetde «has-has» edip, özüni ele alyp bilmän, aglap duran towşanjygyň ýanyna barypdyr-da:

– Görýäňmi, towşanjyk, meniň betnyşan tikenlerimiň nirede peýdasynyň degýändigini, seniň bolsa näzijek, çalja geýimiň näçe gowy bolsa-da, gerek ýerinde ondan saňa kömek bolmady – diýipdir.

Gözýaş döküp duran towşanjyk bolsa indi hiç haçan, hiç bir haýwanyň üstünden gülmezligi wada beripdir.





# Taýçanak

*(Hekaýa)*

Men çybyk atymy münüp, töwerekde çapyp ýördüm. Hem özümi ýeňilaýak taýçanak hasap edýärdim. Şol barmana ýeňsämden kimdir biriniň golaýlap gelýänini duýdum. Görsem, ine, maňlaýy sakar, bir gowuja taýçanak.

Men süýji iýýärdim, elimde-de ýene birnäçesi bardy. Olary men ýanyma gelen dostlarym bilen bölüşerin diýen pikirdedim. Dessine taýçanaga şol süýjüleriň birini uzatdym.

– Al, narpyzlysy saňa!

Taýçanak boýnuny uzadyp, süýjini ysyrgansa-da, ony almady. Men taýçanagyň süýjüçil däldigini dessine bildim. Belki-de, ol ejesiniň: «Süýjini köp iýseň, dişiňi owarra edersiň» diýenine ynanýandyr...

Gapdaldan ýap yňdyrylyp akyp ýatyrdy. Şonuň üçinem soňra men taýçanak suwa gelendir diýip oýlandym. Sykylyk atylanda atlaryň suwy arkaýyn içýänini ýatlap, sygyryp, sürüsini suwa indiren çopana meňzedim. Ýöne, näme üçindir, taýçanak ýaba suwa inmäge-de howlukmady. Gaýtam, ýüzüme bakyp, uzaklara seredip, guýrugyny bulaýlap, üm bilen bir zatlar diýip dur. Ýöne men oňa şol mahal düşünmedim. Birsalymdan taýçanak yzyna öwrüldi-de, towsaklap çapyp gitdi. Diňe şondan soň maňa taýçanagyň maksady belli boldy. Ol meniň ýanyma: «Senem taýçanak, menem, gel, çapyşaly!» diýip gelen bolsa näme! Ana, indi ol höwesini kowalap çapyp barýar. Wagtal-wagtalam: «Ol taýçanak yzymdan ýetip gelýän bolaýmasyn?» diýip, gaňrylyp yzyna seredýär.

*Agageldi Allanazarow*



# Akyllyja serçeler

*(Hekaýa)*

Uzyn günläp ekin meýdanlarynda bolup ýadan serçeler agşamlyk şähere dolandylar. Olar şäheriň seýil bagyna dynç almaga gelipdirler. Owadan, beýik binalaryň depesinde oturan garlawaçlary gören serçeler säginenlerini duýman galdylar:

– Hä, näme boldy... ýadaýdyňmy? – diýip, tokgaja serçe ýoldaşynyň alkymyna dykyldy.

– Ýok-la, ýadamak näme işlesin. Biz şäher gözelliklerine tomaşa etmäge geldig-ä!

– Onyň-a dogrudyr, dost! Onda näme üçin sägindiň?

– Ho-ol, beýik binanyň ýokarsyndaky garlawaçlara seredýärin.

– Olar ol ýerde näme işleýärkäler?

– Menem şoňa haýran. Bir zadyň maslahatyny edýän ýaly-la!

– Ýör, bizem baryp göräýeli-le!

– Ýör onda – diýip, iki serçe beýlekilerden bölünip, garlawaçlaryň oturan ýerine bardylar.

– Salam, dostlar. Sag-aman geldizmi biziň illere? – diýip, olar bilen gadyrly salamlaşdylar. Soňra gürrüňi ýene horja serçe dowam etdirdi:

– Bu ýerde näme işleýäňiz?

– Aý, biz-ä daş-töweregiň gözelligini synlamak üçin iň beýik binanyň birine gonduk. Şäheriň owadanlygyny synlap, doýup bilemzok – diýip, garlawaçlaryň biri uly joşgun bilen gürledi.

– Şeýlemi asyl! Biz-ä bu owadan ýerde höwürtge gurunmak üçin maslahat edýänsiňiz öýtdük.

– Aý, ýok. Onuň-a maslahatyny edemzok. Ýöne şo-ol, seýilgähde oturan oglanjyklaryň gybatyny etdik-dä!

– Olar näme edýärlerkä? – diýip, horja serçe bilesigelijilik bilen garlawajyň görkezen ugruna çiňerilip seretdi.

– Bäh, olaryň bolup oturyşyna bir serediň! Daş-töweregi görer ýaly etmändirler.

– Ýogsa-da olar çigit çigitleýän bolsalar, töwerek gül ýaly bolar öýdýäňmi? Ýör, horja, basymrak olaryň ýanyna baraly.

– Siz olara diliňizi düşündirip bilmersiňiz-how?

– Düşündirmän näme. Basym düşündiris-ä – diýip, serçeleriň ikisem bagdaky oturgyçda oturan oglanjyklaryň golaýyna baryp gondular.

– Ýap-ýaňyja arassalanan bu ýerleri çigit gabygyndan dolduraýypdyrlar. Bu ýerler indi görer ýaly däl – diýip, horja bilen tokarja çigit gabyklaryny peşäp duruşlaryna yzyny üzmän jürkül-demäge başladylar.

Horja serçe çigit gabyklaryny çüňki bilen alyp, oglanjyklaryň üstlerinden goýberip ugrady.

– Näme boldaý bulara? – diýip, oglanjyklaryň biri serçeleriň bolşuna geň galyp torsaryldy.

– Baryň, ýok boluň-a. Gohuňyzy başga ýerde ediň-dä! – diýip, oglanjyklaryň boýy uzyny gaharlanyp ýerinden turdy.

Serçeleriň bolsa gara çynydy. Olar oglanjyklary kä eýlesinden, kä beýlesinden baryp, arkaýyn oturtmadylar.

Bagda gezelenç edip ýören eli hasaly ýaşuly çagalaryň bolşuna geň galyp, olaryň ýanyna bardy.

– Hä, köşekler, näme gaharly görünýärsiňiz? Göwnüňize degýän barmy?

– Aý, şu serçeleriň derdinden arkaýyn dynç alyp oturar ýaly däl – diýip, oglanlaryň biri öýkeli hüňürdedi.

– Hä, olara näme bolduka?!

– Bilmedik. Ahmal bolsaň gözüňem çokjak bular.

– Dogry, dogry. Olara siziň bolup oturyşyňyz ýaramaýan bolarly.

– Biz olara näme edipdiris?

– Ata, olaryň diline düşünýäňmi?

– Olar näme akyl satýarlar-a? – diýip, çagalar ýerli-ýerden ýaşula sorag ýagdyryp başladylar.

– Köşeklerim, düşünmez ýaly zat ýok bu ýerde. Hany, köşeşiň-de, olaryň hereketlerini gowuja synlaň – diýip, ýaşuly daş-töwerekde ýaýrap ýatan çigit gabyklaryna gözüniň gytagyny aýlady. Ol soňra iki serçäniň jürküldäp, näme üçin howsala düşýändiklerini oglanjyklara gürrüň bermäge durdy:



– Ol tokarja serçä serediň, çigit gabyklarynyň birini alyp, birini goýýar. Onuň gaty gahary gelen bolmaga çemeli. Ol «Bu hapalary kim ýygnamaly? Boluň, ýeke-ýekeden ýygnaň» diýip, haýbat atyp dur. Beýleki serçäniň hereketine üns beriň. Ol-a «Çigitden başga güýmenje tapmadyňyzmy? Bu ýerleri arassalaýanam-a siziň ýaly çagalaryň ejesidir ýa-da uýasydyr» diýip, zeýrenip ýör.

Ýaşulynyň özlerine aýdýan bu sözlerini diňleýän oglanjyklaryň ýüzleri çapady ýaly gyzardy. Olar utanjyna başlaryny galdyryp bilmediler. Assyrynlyk bilen guşlaryň hereketini synlaýan oglanjyklaryň biriniň nazary tokarja serçede saklandy. Onuň hereketlerinden özüçe many çykaran oglanjyk geň galyp, gözlerini tegeledi. Ol içki pikirini daşyna çykaranyny duýman galdy.

– Hiýh, onuň bolaýşyny!

– Oglum, kim ol? Sen näme hakynda diýýäň?

– Oňa serediň-ä, hakyt «Siziň akylyňyz guşlaryň akylyça-da ýok eken» diýip dur-da!

Duranlaryň nazary onuň barmagyny çommaldýan tarapyna gönükdi. Dogrudanam, hälki tokarja serçe jürküldisiniň arasynda ganatynyň ujy bilen kellesine kakyp goýberýärdi. Ýaşuly oglanjygyň bolup durşuny görüp ýylgyrdy.

– Berekella, oglum, senem guşlaryň diline düşünip ugrapsyň-ow!

Bu sözleri eşiden oglanjyklar seslerini çykarman, ýere döken çigit gabyklaryny ýygnamaga durdular.

*Baýramgül Ylýasowa*



# Ýumuşçy

*(Hekaýa)*

Jahan biziň öýümiziň körpesi. Ony hemmämiz juda gowy görenimizden bolsa gerek, ol lälijek. Bir iş buýursaň, gaşlaryny çytyp, arkanjaklap dur.

– A-aýýa, a-aýýa... – diýýär. Sähelçe käýäýseň hem yzzyldap, aglap, wagty bilen sesini goýanok. Onsoň Jahana hiç kim iş buýurjak hem bolanok. Ýöne gelnejemiň ogul bäbejigi boldy welin, Jahan bu kesirje häsiýetini goýaýdy. Biz jigimize Şatlyk diýip at dakdyk. Dogrudanam, jigimiz adyna görä öýümizi şatlykdan doldurdy. Barymyz şonuň daşynda. Jahan-a gürleňgüjük ýaly bolup, Şatlyk janyň ýanyndan aýrylanok. Indi ol özi ýaly joralary bilen oýun oýnamagy-da ýatdan çykardy. Öňler ejem dagy bir ýere gezmäge gitseler, Jahan olardan galmazdy. Indi welin «Ýör, Jahan jan, gezmäge äkideli» diýseler hem, «Ýok, jigim aglar» diýip jorap berýär. Özi hem jigimiň sallançak bagyny hiç kime ýetirenok. Şatlygyň gulajygy agyrdymy, nämemi, soňabaka aglamany çykardy. Ol şol günler jigimiziň da-



şynda hasam hozanaklady. Bir gije Şatlyk oýanypdyr-da, aglamaga başlapdyr. Gelnejem uzakly gün ýadaw bolansoň, onuň sesine oýanmandyr. Jahanjyk welin tarsa ýassykdan başyny göteripdir. Gelnejemizi oýarman, Şatlygy üwremäge oturypdyr. Sallançagyň badyna bäbejik ýuwaş-ýuwaşdan sesini goýup, uklap galypdyr. Mahlasy, Jahan gelnejemiň el-aýagy bolup dur.

Bir gezek biziň hemmämiz garyndaşlarymyzyňka toýa gitdik. Öýde gelnejem, jigim Şatlyk, Jahan üçüsi galdy. Toýdan gelenimizde biz içeriniň tämizdigini, goýunlara ot dökülendigini gördük.

– Gelnim, sen-ä gelýänçäk iş bitiräýipsiň, berekella! – diýip, ejem gelnejemiň öwgüsini ýetirdi. Gelnejem Jahanyň ýüzüne ýylgyryp seretdi-de:

– Enesi, berekellany Jahan jana bereweriň. Bu işleriň baryny eden körpe gyzyňyz – diýdi. Ejem Jahany bagryna basyp, onuň ýaňagyndan ogşady:

– Elleriňe güller bitsin, ýumuşçy gyzym!

*Annamyrat Hotjyýew*



# Towşan we garry möjek

*(Erteki)*



Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanda bir towşanjyk bar eken. Günlerde bir gün çölde gezip ýörkä, oňa bir garry, aç möjek sataşyp:

– Salam, towşanjyk – diýipdir.

– Salam, möjek aga – diýip, towşan onuň salamyny alyp, duşundan geçip gidiberjek bolupdyr.

Garry möjek onuň öňüni gabapdyr-da:

– Towşanjyk, hany, aýak çeksene, nirä howlugýaň? – diýipdir.

– Möjek aga, meni saklamaň, çagajyklarymyň gözleri ýoldadyr, olary öýde ýeke galdyryp gaýtdym.

– Bu çöl-beýewanda ýeke ýaşamak meni halys irizdi. Ýüregim gysyp, bir ýerde oturmaga karar tapamok. Barşyp-gelşere-de bu jelegaýda janly-jandar galmandyr. Öýke-kinäni unudyp, gel, ikimiz dost bolaly. Birek-biregiňkä myhmançylyga baraly. Bize gel, barymdan hödür-kerem edeýin.

– Hödür-keremiň üçin sag bol, möjek aga. Ýöne men häzir howlugýan. Biz şu günlerde tutuş maşgalamyz bolup gyşyň gamyny edýäris. Iým toplaýarys, bolmasa, gyş agyr gelse, biz heläk bolarys. Onsoňam, der döküp gazananyňy iýmekden süýji zat ýok eken, biz towşanlar, durmuşyň tagamynam, lezzetinem diňe şonda görýäris.

– Ol size nädip başardýar?

– Munuň üçin ozalyndan zandyň arassa, päliň-niýetiň gowy hemem juda sabyrly bolmaly.

– Mende o zatlar ýog-a!

– Ony men bilýän. Şonuň üçinem siz wagşy, zalym, ejize ganym. Bütin ömrüňizi hars urup, awuň ugrunda selpäp ýörsüňiz. Garnyňyz doýsa-da, mydama gözüňiz aç.

– Towşanjyk, ol aýdýanlaryň dogry. Ýöne men indi toba etdim-ä, size degmezlige ant içdim. Men garryny bagyşlaweri, özümiň eden işime, bimany ýaşan ömrüme ökünýärin. Şu günden beýläk häsiýetimi bütinleý üýtgederin, pälimi diňe gowulyga ýoraryn. Uzakly güni işläp geçiräýmek bolmaz-a, birsellem dem-dynjyňam almaly ahyryn. Onsoňam, näçe garradym diýseňem, göwün garramaz ekeni. Gel, birsellem oýnaly, ýaşlygy ýatlap, göwün açyşaly, sen gaç, men kowaýyn, men gaçaýyn, sen kow. Isleseň, bar, bu ýere çagajyklaryňam getir. Goý, ojagazlaram biz bilen şatlansynlar.

Möjek şeýle diýipdir-de, towşana golaýlapdyr, birdenem, sen-men ýok, onuň üstüne topulypdyr. Towşan möjegiň sözlerine birjigem ynanman, gaçmaga häzirlenip duran eken.

– Möjek möjekligine-de galýandyr, onuň andam bolmaz, pendem, gowusy, her kim özüniň kimligini tanap, öz ýoly bilen gitse ýagşy – diýägede, towşanjyk «Assa gaçan namart» edip, bu ýerden ökjäni göteripdir.

Möjek bolsa guran hilesi paşmansoň, lapykeç halda, agzynyň gyllygyny akdyryp galyberipdir.

*Goçy Annasähedow*





# Jerenler

*(Türkmen halk ertekisi)*

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanlarda bir topar keýik bar eken. Bu keýikler bir gün ýygnanyp:

– Biz nähili edip, özümizi ýyrtyjy haýwanlardan gorap saklarys? – diýip, maslahat edýärler. Bu maslahata bularyň içinden akyllyja bir keýik çykyp:

– Biz öň köp wagt ýyrtyjy haýwanlar tarapyndan horlanyp geldik, sebäbi biz şu güne çenli bir-iki bolup, onda-munda entäp gezdik. Onuň üçin-de öňýeten duşman bizi horlap gelýärdi. Indi biz agzymyzy birikdirip, elliden, altmyşdan az bolman, bir ýerräkde topbak gezeliň. Ýatanymyzda ýa-da otlanymyzda, daşymyzda üç-dört sanymyzy garawul goýalyň. Ana, şonda biz arkaýyn gezip bileris – diýipdir.

Keýikler ýerli-ýerden «bolýar-da, bolýar» bolşup gygyryşypdyrlar.

Şu keýikleriň içinde öz-özüni öwüp, «Men akylly» diýip ýören dälije bir keýik bar eken. Ol keýik:

– How, gardaşlar, bu işiňiz akyla jaýlaşmaýar, kim otdan, ukudan galyp, garawullyk çekjek?! Siz dälirediňizmi näme?! – diýýär.

Onda hälki akylly keýik:

– Şeýtsek, hiç kimem kän bir otsuz-suwsuzam bolaýmaz – diýipdir.

Muny hem hemmeler bir agyzdan kabul eden ekenler. Emma bular maslahatlaryny gutarmankalar, bir ýerden bir tilkijik gelip, olaryň sözüne gulak asyp durupdyr. Biraz wagtdan soň ýaňky tilki:

– Siziň bu eden kararyňyz özüňize gaty zyýan, sebäbi ol garawulyňyz uklar, hemmäňizi birden bela duçar eder. Öň biriňizi gözläp, zordan tapýan duşman indi hemmäňizi birden ele düşürer – diýipdir.

Munuň bu sözüni eşiden keýikler:

– Ýeri, ugruňa gidiber, seniňem habaryňy eşitdik – diýip, ol tilkiniň ýeňsesinden itekläp, aralaryndan çykaryp goýberipdirler. Şondan soň ýaňky kowlan tilki şol gahary bilen baryp, bir möjegi tapyp:

– Möjek dost, bir bol aw tapandyryn – diýen.



Möjek oňa garap:

– Ol nähili bol aw, tizräk nirededigini aýdaweri – diýen.

– Şu taýda bir süri keýik daşlaryna garawul goýan kişi bolup, özleri arkaýynja gezip ýörler. Daşlaryndaky garawullary hem otlaşyp ýörler. Birden baryp, hemmesini gapyllykda tutaýmaly – diýip, tilki aýdan.

Soň möjek tilki bilen ýola düşen. Bular az ýöräp, köp ýöräp, keýikleriň birýan çetinden baranlarynda, ol garawul bolup duran keýikler bulary görüp, öz ýoldaşlaryna habar berýär. Ýoldaşlary hem ýüzleriniň ugruna hemmesi bir tarapa gaçyberenler. Şonluk bilen möjekdir tilkiniň eline bir zat hem ilmän galan.

Möjek tilkä garap:

– Tilki dost, meni ýaman aldadyň-ow – diýen.

– Ýok, dost, bular soňrak otdan doýup, pylan çeşmeden suw içip, agralyp, hemme zatdan bihabar bolup ýatarlar. Şol wagt olary tutarys – diýen.

Möjek:

– Bolýar, onyňy hem göräýeris – diýip geziberen.

Biraz wagtdan tilkiň aýdan mahaly bolýar. Bu ikisi tirkeşip, hälki keýiklere tarap barýarlar weli, olar ýene duýup gaçýarlar. Bu gezek möjegiň hasam gahary gelipdir. Ol tilkiniň ýüzüne garap:



– Sen bular ýaly aldap ýörseň, ahyry özüňi iýerin. Meniň gaharym gelende, birden gelýändir – diýen.

Tilki hem:

– Möjek dost, bulary bir wagt ele düşürmek boljak. Ol hem bolsa, olar gündiz iýer-içer hem-de gezip gaty ýadap, giç gelip ýatarlar. Gije ýarymdan soň, olar ýagşyja uka gidensoňlar, garawullary hem uklar, ana, şol wagt biz olaryň işini göreris – diýen. Möjek hem munuň bu sözüne «Bolýar» diýip jogap beren. Şonluk bilen gije ýarym bolupdyr. Bular ýene keýiklere tarap gidipdirler.

Keýikler gije ýatanlarynda ýygy-ýygydan garawuly çalşyp durupdyrlar. Şunlukda, keýikler ýene-de gaçyp gutulanlar. Ilkagşamdan «Keýik etini iýjek» diýip, gijesi ýatman, özüni seýisläp ýören möjegiň bu gezek gaharynyň gelşi öňküleriniň çaky bolmandyr. Şonuň üçinem ol ýanynda boýnuny aşak salyp duran tilkä gözüniň gytagy bilen garap:

– Indi seniň gezegiň, sen meni näçe gün aç-suwsuz saklap, ahyrda hem süýji ukymdan alyp galdyň. Seni iýmesem bolmaz – diýip, özüni tilkiniň üstüne oklapdyr. Şol wagt tilki ýapyrylyp gaçjak bolupdyr. Oňa çenli hem möjek tilkini bagyrt-bugyrt basan. Şonluk bilen, keýikler agzybirlikde ýaşap, hemişe özlerini ýyrtyjy haýwanlardan gorap gezipdirler.



# Watan

Watan diýmek – näme diýmek?
Säher öwsen sergin ýel ol.
Ýaňy çykan nahaljyk ol,
Gunçajyk ol,
Täze gül ol.

Watan diýmek – näme diýmek?
Aýyň, Günüň ýalkymy ol.
Bugdaý, arpa, gowaçaly
Giň meýdanlaň tolkuny ol.

Watan diýmek – näme diýmek?
Çeşmedir ol akyp ýatan.
Jülge-daglar,
Ýaýla-gollar,
Bulaň bary – gözel Watan!

Watan diýmek – näme diýmek?
Ol guşlaryň mukamydyr.
Ata Watan bar baýlyklaň,
Gözellikleň mekanydyr!

Şu baýlyklar seňki bolsa,
Bagtly sensiň baryp ýatan.
Bagtly ili bolan Watan –
Türkmen ýurdy,
Beýik Watan!

*Nury Baýramow*

# Watanym, saňa!



Irden ejem aýnamyzy açanda,
Ilki alkyş edýän, Watanym, saňa.
Göwher güneş parlak nurun saçanda,
Ilki alkyş edýän, Watanym, saňa.

Säher bilen sergin şemal öwsende,
Pişik myrlap, gujagyma towsanda,
Arzuw guşum bulut baryn böwsende,
Ilki alkyş edýän, Watanym, saňa.

Batböregim al-asmana galanda,
Körpe jigim dilli tüýdük çalanda,
Ejem naz-nygmatly saçak ýazanda,
Ilki alkyş edýän, Watanym, saňa.

Ýagmyr seçip, ýaz ýyldyrym çakanda,
Dagdan çasly çaýlar çöle akanda,
Bol suw pagtamyzy suwa ýakanda,
Ilki alkyş edýän, Watanym, saňa.

Garlawaçlar ganat gerip geçende,
Mekdep bagymyzda alma bişende,
Kakam ýoldan gelip, atdan düşende,
Ilki alkyş edýän, Watanym, saňa.

Agşam ele ýene galam alamda,
Geljek ýagty güni ýada salamda,
Rahat ukuda ýatjak bolamda,
Ilki alkyş edýän, Watanym, saňa.

*Ata Atajanow*

# Edermen esger

*Döş gerip çykdylar duşmana garşy*
*Gerçek ogullary beýik Watanyň.*

Duşmana garşy döş gerip Watan goragyna çykan şol gerçek ogullaryň arasynda hormatly Prezidentimiziň atasy Berdimuhamet Annaýew hem bardy.

B. Annaýew 1904-nji ýylda Gökdepe etrabynyň gadymy Yzgant obasynda dünýä inýär. Ol öz döwrüniň sowatly adamlarynyň biri bolup, manyly ömrüni ýaşlary okatmak, terbiýelemek işine bagyşlan adam.

B. Annaýew geçen asyryň 30-njy ýyllarynda gadymy kitaplary, halk dessanlaryny, dürli rowaýatlary, ertekileri toplap, olary halkyň arasynda giňden wagyz edipdir. Halkyň ruhy medeniýetiniň ösmegine uly goşant goşupdyr, onuň il arasyndaky abraýy örän ýokary bolupdyr.

Berdimuhamet Annaýew Balkan, Ahal welaýatlarynyň birnäçe mekdeplerinde dürli wezipelerde işläpdir. Ol häzirki Babadaýhan etrabyndaky 6-njy doly däl orta mekdepde müdir bolup işläp ýörkä goşun gullugyna çagyrylýar. Edermen esger hakynda gürrüň edilende şeýle bir hakykaty hem bilmegimiz gerek.

1943-nji ýylyň 6-njy aprelinde Watan goragyna çykan Berdimuhamediň kakasy, ýagny hormatly Prezidentimiziň garry atasy Anna aga hem öz döwründe Gökdepe söweşine gatnaşyp, batyrlyk görkezen gerçekleriň biri. Olar häli-häzir hem ýagşylykda ýatlanylýar.

Obadaşlary bilen fronta ugran Berdimuhamet öz okuwçylary bilen hoşlaşyp, olaryň diňe bäşlik bahalara okamaklaryny, tylda galanlara kömek etmeklerini, düzgün-tertipli bolmaklaryny, watansöýüji bolup ýetişmeklerini ündäpdir. Ol her bir bäşligiň

duşmana gülle bolup degjekdigini düşündiripdir, Watan goragyna gidenleriň öz öýlerine ýeňiş bilen dolanyp geljekdiklerini ynam bilen aýdypdyr.

Berdimuhamet Annaýew Beýik Watançylyk urşunda duşmana garşy gaýduwsyz söweşmek bilen, mertligiň belent nusgasyny görkezipdir. Ol şeýle hem özüniň çeper söze ussatlygy bilen söweşdeş ýoldaşlaryny ýeňşe ruhlandyrypdyr. Elbetde, uruş uruş bolýar. Türkmenistanly mugallym söweşleriň birinde agyr ýaralanýar. Ol bäş aýdan hem gowrak wagt harby hassahanada ýatyp, ýarasyny bejerdýär. Agyr şikes alan esger soňra mähriban ojagyna dolanyp gelýär.

Berdimuhamet ýene-de söýgüli kärine, mugallymçylyk işine başlaýar.

B. Annaýew 1949-njy ýylyň 2-nji martynda «Hormat nyşany» ordenine mynasyp bolýar.

Bu gün edermen esger, ussat mugallym, ajaýyp adam Berdimuhamet aganyň agtygy, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Watany, tutuş goja Zemini uruş belasyndan goramak üçin köp işleri durmuşa geçirýär. Ol parahatçylygyň ygtybarly goragçysy hökmünde bütin dünýäde tanalýar hem-de hormatlanýar.

*Täçmämmet Jürdekow*

# Prezidentiň ýüregi

Eziz Watan gadymy
Dursun – diýip müdimi
Urýar batly gadamy,
Prezidentiň ýüregi.

Ýagty nurdan säheri
Ýurduň oba-şäheri.
Türkmenistan bahary –
Prezidentiň ýüregi.

«Galkyn!» diýip urýandyr,
Galkan bolup durýandyr.
«Halkym!» diýip urýandyr,
Prezidentiň ýüregi.

Atasydyr milletiň,
Açary bar jennetiň.
Çekmez kese minnetin,
Desterhanda çöregi.

Dag-deňiziň şemaly,
Nurdan doly kelamy.
Tapdy halkdan kemaly,
Galkynyşdyr geregi.

*Allaýar Çüriýew*

# Çeşme

Durnanyň gözi deý,
Dup-dury çeşme.
Güýz, sary ýapraklar
Göýä bir pişme.

Çeşmäniň ýüzüni
Ýapjak bolýarlar.
Çeşmäniň suwunda
Ýatjak bolýarlar.

Çeşmejik aşakdan
Lummurdap çogýar.
Sary ýapraklary
Bir ýana kowýar.

Soň mawy asmandan
Synlaýar Güni.
Güne güjeňleýär
Gözel görküni.

Gün özüni çeşmä
Pažžyldap urýar.
Çeşmäniň düýbünde
Üşemän durýar.

Senem çeşmä bakyp,
Seret keşbiňe.
Durnanyň gözi deý,
Dup-dury çeşme.

*Atamyrat Atabaýew*



# Bitarap Türkmenistan

Ýollaryň aýdyň seniň,
Bitarap Türkmenistan.
Her günüň aýdym seniň,
Bitarap Türkmenistan.

Alkyş bary ýagyp dur,
Rysgalymyz çogup dur,
Alnyňdan Gün dogup dur,
Bitarap Türkmenistan.

Ýaşasyn ýagty günler,
Il-günüň bagty günler,
Joşa gelýär göwünler,
Bitarap Türkmenistan.

*Ýaban Saparow*



# Watan, seniň gujagyňda



Men özümi bagtly saýýan,
Watan, seniň gujagyňda.
Pajarlaýar altyn eýýam,
Watan, seniň gujagyňda.

Pederleriň arzuwlany,
«Watan!» diýip goýdy jany,
Gözelligiň ýokdur sany,
Watan, seniň gujagyňda.

Ak säherleň aklygyny,
Kalba guýup päkligini,
Paýlaşýaryn şatlygymy,
Watan, seniň gujagyňda.

Toý toýlaýar gözel mekan,
Sende oglan süňňüm bekän,
Beýik Alla bizi ýalkan,
Watan, seniň gujagyňda.

Bereketli pasyllaryň,
Merdanadyr asyllarym,
Ruhy belent nesilleriň
Watan, seniň gujagyňda.

*K. Annaseýidow*

# Nowruz geldi ilime



Nowruz geldi ülkäme,
Kalby salyp heýjana.
Gök gürläp, ýagyş ýagýar,
Howa ýakymly jana.

Gök begresin geýipdir
Ülkämiziň dag-düzi.
Meýdanlary bezäp ýör
Bökjekläp owlak-guzy.

Baglarmyzyň başynda
Açylypdyr ak güller.
Söýüp gülli bahary,
Jak-jak urýar bilbiller.

Älemgoşar çykypdyr,
Heýjanelek, janelek.
Akja telpegin geýip
Otyr, hanha, kömelek.

Hoş gelipsiň, Nowruzym,
Täze dogan Gün bolup!
Beze türkmen topragyn,
Gyzyl-elwan gül bolup.

*Pirnepes Öwezliýew*

# Güýz saçagy

Ýaşa, güýz, ýaşa,
Giň gujak açdyň.
Çagyryp toýa,
Sen saçak açdyň.

Ýüregiň doly
Bize hormatdan.
Saçagyň doly
Nazy-nygmatdan.

Şol nazy-nygmat –
Güýzemik terne,
Garrygyz gawun –
Gyşda iýerme.

Şol nazy-nygmat –
Bal ýaly injir.
Torly gülabyň
Keşdesi zynjyr.

Şol nazy-nygmat –
Käşirmi, sogan –
Bugaryp duran
Palawa dogan.

Baş egdi olar
Saçakda nana.
Barysy bile
Gerek ynsana.

*Ýagmyr Pirgulyýew*



# Men – dorja taý

Laý-la, laý-la, laý-la, laý,
Men kiçijik, dorja taý.

Barýan ýoldan çapalap,
Yzda goýup obany.
Baýra ýetsem, taparyn
Goýun bakýan babany.

Laý-la, laý-la, laý-la, laý,
Men kiçijik, dorja taý.

Ary galdy çapyşyp,
Bildi ahyr hetdini.
Öňden barýan guşlaňam
Ýetdi ýetdim-ýetdimi.

Kebelegem çapyşyp,
Galdy ýalpak güzerde.
Dorja ondan ozmazmy,
Özgelerden ozar-da!

Laý-la, laý-la, laý-la, laý,
Men kiçijik, dorja taý.

Baýra ýetdim, hezillik,
Ylgap ýörün jaýtaryp.
Uzak gitse, sürini
Alyp gelýän gaýtaryp.
Laý-la, laý-la, laý-la, laý,
Men kiçijik, dorja taý.

*Agageldi Allanazarow*

# Mekdebim

Eý, mekdebim, jana-jan,
Saňa bolan söýgim kän.
Sen misli enem deýin,
Bakdyň maňa  mähriban.

Kitap berdiň goluma,
Aýdym berdiň dilime,
Ýene öňe gitmäge
Ýagty saçdyň ýoluma.

Şatlykly wagtym-da sen,
Şöhratym, bagtym-da sen,
Adamzadyň geregi –
Ylym daragtym-da sen.

Barýaryn öňe, mekdep,
Ýol açdyň maňa, mekdep.
Bütin geljegim üçin
Minnetdar saňa, mekdep!

*Nury Baýramow*



# Kim gowy?

Bir gün gezelenç etdik
Serdar bilen ikiçäk.
Oňa sorag berdim men
Gezelençden gelýärkäk.

Diýdim: – Hany, aýt sen,
Gowy görýärsiň kimi?
Ol hem diýdi bada-bat:
– Gowy görýän ejemi!

Gaýtaladym sowaly,
Ara salym saldym-da.
Ýene-de soragyma
Şol jogaby aldym-da,

Serdarjygyň sözünden
Göz ýetirdim bir zada:
Ejeleri söýmekdir
Hemmeler üçin kada.

*Tirkeş Sadykow*



# Goňşokara

Goňşokara
Bolan ekeni.
Bu gün erkinlik
Alan ekeni,
Kalba ýagşylyk
Salan ekeni.

Alyň siz, alyň,
Goňşokara!
Wepaly boluň,
Goňşokara!

Goňşokara –
Alyň siz, dadyň!
Goňşokara,
Mukaddes adyň!
Hiç orta ýolda
Gaçmasyn badyň!

Döwülmän geliň,
Döwülmän gidiň!
Ähli adamy
Dost-dogan ediň!

*Azat Rahmanow*



# Sanawaçlar

* * *

Şagal-şagal şady beg,
Doňuz-doňuz dody beg.
Ýolbars biziň ýapymyz,
Gaplaň biziň gapymyz,
Aýy biziň akmagmyz,
Tilki biziň tokmagmyz,
Tomzak biziň toýçymyz,

Ak guş biziň ejemiz,
Algyr biziň atamyz,
Gurt biziň gudamyz,
Şagal biziň şadymyz,
Ýylan biziň gamçymyz,
Towşan biziň towjagmyz,
Suwulgan biziň suwlugmyz...

# Gül keşbi

Gapymyzda gül açyldy,
Saçyp otyr müşküni.
Bakanymda görýän onda
Ejem janyň keşbini!

Hem sesini eşidýän
Bilbilleriň sazyndan.
Ejem jany ýatladan
Razy men ýazymdan.

*Nury Baýramow*



# Sanlar hakda



Birlen,
Ikilen,
Üçlen,
Dörtlen,
Bäşlen,
Altyman,
Ýedi – men!
Segsen,
Togsan,
Ýüz,
Düz!

* * *

Iki sekiz, bir dokuz,
Üç ýigrimi, on dokuz,
Näçe bolar?

* * *

Iki sekiz, bir ýedi,
On bäş ýerde on ýedi,
Näçe bolar?



# Küştdepmeler

*(Gysgaldylyp alyndy)*

Aýym dik, başym aman,
Töwerek-daşym aman.
Gülüp-oýnaň, dostlarym,
Geldi ajaýyp zaman.

* * *

Nurlanýar Gün, Aýymyz,
Barha artýar baýlygmyz.
Nebit, pagta kän bizde,
Dünýä ýetýär gazymyz.

* * *

Ýaraşsyn-a, ýaraşsyn,
Gola dutar ýaraşsyn.
Wasp edeliň bagtymyz,
Gözel diýar Garaşsyz.

* * *

Eken gülüm açyldy,
Müşki-anbar saçyldy.
Nije asyrlyk menzil
Iki ýylda geçildi.

* * *

Ilim demir ýol salýar,
Otlular zogun çalýar.
Güýçlenýäris gün-günden,
Adymyz arşa galýar.

Açdyk bazar, dükany,
Ýurdumda baýlyk käni.
Garagumam çöl däl-de,
Hazynalar mekany.

* * *

Namysdyr baýdagy,
Mertdir biziň aslymyz.
Atam – Gorkut, Görogly...
Oguzhanyň nesli biz.

* * *

At münüp ýörer ogul,
Dost-ýaryn görer ogul.
Watana gerek bolsa,
Janynam berer ogul.

* * *

Gözelleri şahyrdyr,
Ýigitleri bagşydyr.
Gül ülkäm elwan haly,
Ilim onuň nagşydyr.

* * *

Bize «Gyzym» diýr Watan,
Gyzlaň däldir hüýr, Watan!
Ejiz görüp aýama,
Ýumşuň bolsa buýr, Watan!

*Sona Ýazowa*

# Hüwdüler

Bireýýäm Gün ýaşypdyr,
Gara dagdan aşypdyr,
Meň ballymyň üstüne,
Aý ýagtysy düşüpdir.

* * *

Bägül gyzym, gül gyzym,
Saçlary sünbül gyzym,
Gyzlar läle kakanda,
Owazy bilbil gyzym.

* * *

Gözlerimiň garasy,
Sözlerimiň seresi,
Jigim ýüpek don geýse,
Geler hemmäň göresi.

* * *

Boýuň meňzär çynara,
Gül ýüzüň alma-nara,
Seniň kimin bir oglan
Inmez ýagty jahana.



# Matallar

1. Agyl doly akja guzy,
Ertir tursam, ýokja guzy. (*Ýyldyz*)

2. Ak towuk,
Ketegi ýok. (*Gar*)

3. Ýüz galalardan geçip,
Demir gulagyn gerýär.
Jany-da ýok, dili-de,
Sorasaň, habar berýär. (*Telefon*)

4. Aý bilen geler,
Gün bilen gider. (*Ýyldyz*)

5. Aýaksyz, elsiz – surat çeker. (*Aýaz*)

6. Başy – dagda,
Aýagy – kölde. (*Derýa*)

7. Garry mamam palasyn kakýar. (*Gök gürlemek*)



8. Dona bürenmez,
Göze görünmez. (*Ses*)



9. Men gaçýaryn, ol kowýar. (*Kölege*)



10. Agyl doly akja guzym,
Gapysyn ýapsam, ýokja guzym. (*Diş*)

11. Asty – gaýa,
Üsti – gaýa,
Ortarasy –
Hamyrmaýa. (*Dil*)



12. Bäş keýik,
Biri-birinden beýik. (*Barmaklar*)

13. «Gel» diýsem – gelmez.
«Gelme» diýsem – geler. (*Dodak*)



14. Iki goňşy biri-birini görmez. (*Göz*)



15. Suwsuz ýerden suw çykar. (*Gözýaş*)

16. Gatlak-gatlak gatlama,
Gatlamadan ätleme. (*Kitap*)

17. Ýeri ak,
Tohumy gara,
El bilen ekerler,
Dil bilen orarlar. (*Hat*)



# Keýmir kör we üç oglan

*(Rowaýat)*

Türkmen halkymyzyň belli serdary Keýmir kör bir gün atyny suwa ýakmak üçin obanyň ortasyndaky guýa barypdyr. Şol wagt guýynyň başynda üç sany gelin suw çekip, gaplaryny suwdan doldurup duran ekenler. Olar serdara ýerli-ýerden salam beripdirler. Soň gelinleriň biri:

– Keýmir aga, saňa haýyşymyz bar, eger mümkin bolsa – diýipdir.

Serdar atyny suwa ýakyp durşuna:

– Aýdyber, gyzym – diýipdir. Şonda ol gelin:

– Keýmir aga, biziň üçimiziň hem deň-duş oglumyz bar. Hanha, olaryň özlerem gelýär. Biz ogullarymyz il derdine ýaran ogullar bolar diýip, umyt bilen ýaşaýarys. Indi sizem olara baha kesip beräýseňiz! – diýipdir.

Keýmir köp bu gürrüňden habarsyz, gelip gapdalda duran oglanlaryň birinjisiniň ýanyna barypdyr-da, sen ýok, men ýok, onuň ýaňagyna şarpyk çalypdyr. Şarpyk dadan oglan ýalym-ýulum edip, göýä hiç zat bolmadyk ýaly ýylgyran bolup durmuşyn.

Serdar ikinji oglanyň ýaňagyna-da şarpyk çalypdyr. Ol oglan şarpygyň awusyna müzzerip, soňam ýüzüni-gözüni bürüşdirip:

– Men näme etdim-äý, eje, görsene, urup dur-a! – diýip, aglamaga başlapdyr.

Keýmir köp üçünji oglanyň ýaňagyna-da şarpyk çalypdyr. Ol oglan serdaryň goluny silkip goýberipdir-de:

– Arman, sen Keýmir aga bolaýýaň-da, ýogsa seni edäýmelisi-hä belli welin – diýipdir. Serdar onuň ýüzüne seretse, gazapdan ýaňa dym-gyzylmyşyn.

Şonda Keýmir kör:

– Birinji çaga binamys, iline-gününe, Watanyna paýan bermejek adam bolar. Ikinjiňiz nalajedeýin, ýal ýagysy bolar, ine, üçünji oglan ulalanda, il-günüň arkasynyň dagy bolar – diýipdir-de, suwdan ganan atyny idip, yzyna seretmän gidiberipdir.

*Öwezdurdy Nepesow*

# Alp Arslan

Bir çagajyk dünýä indi,
Ösüp ulalmaly indi.

Mert boljagyn öňden duýup,
Arslan ýaly bolsun diýip,

Dakdylar, gör, Arslan adyn,
Söýsün diýip ýakyn-ýadyn.

Tirkeşip kän ýyllar geçdi,
Ýigitlerden ýigidi seçdi.

Güýç-kuwwatly hem gaýratly,
Pälwansypat, bir gyr atly.

Ata çykyp baş boldy ol,
Goşun bilen deň galdy ol.

Tälimlidi hem türgendi,
Söweşlerde bir mergendi.

Her bakanda-gözlände ol,
Güýç bererdi sözlände ol.

Arslan ýaly bolup özi,
Ol taryhda goýdy yzy.

*Pirnepes Öwezliýew*





# Şärikli ekin

*(Türkmen halk ertekisi)*

Gadym wagtlarda bir göle, bir geçi we bir sakyrtga şärikli ekin ekmäge çykypdyrlar. Bular baryp bir boşluk ýeri ekjek bolsalar, bir tilki gelip:

– Bu ýer meniň atamdan galan miras ýerdir. Menem şärik etmeseňiz, size ekdirjek däl – diýipdir.

Onda göle:

– Bolýar, seni hem şärik edäýeris – diýipdir.

Ondan soň tilki:

– Men size azal getireýin – diýip gidipdir. Soň tilki gaýdyp gelmändir.

Bular bugdaýy ekip, orup, çäç edenlerinde, hälki tilki gaýdyp gelipdir. Göle tilkini görüp:

– Wiý, tilki dost, sen bir gün hem işlemediň. Saňa hiç zat berjek däl – diýipdir. Onda tilki:



– Geliň, şu ýerden ylgaşalyň, kim öňürti barsa, harmany şol alsyn, yza galana hiç zat ýok – diýen.

Onda sakyrtga:

– Geliň, şeýle edeliň – diýipdir.

Muňa hemmesi razy bolupdyrlar. Ylgap başlanlarynda tilki öňe düşüpdir. Sakyrtga bolsa tilkiniň guýrugyna ýapyşan eken. Tilki öň baryp, üýşürilen bugdaý däneleriniň üstünde oturjak bolsa:

– Waý, meni öldürdiň – diýip, sakyrtga gygyrypdyr.

Tilki ondan:

– Sen haçan geldiň? – diýip sorapdyr.

Onda sakyrtga:

– Aý, men bireýýäm geldim – diýipdir.

Şeýdip, harmany sakyrtga almaly bolupdyr. Soňra sakyrtga, göle we geçi harmany paýlaşypdyrlar. Tilki bolsa öz emeline çolaşyp, gallasyz galypdyr.



# Sabyrly bol!

*(Türkmen halk ertekisi)*

## I

Bir bar eken, bir ýok eken, bir horaz bilen bir towuk bar eken. Horaz üzümlige girip, bişmedik üzümleri iýmäge başlapdyr. Towuk ony görüp:

– Horaz, iýme, üzüm bişýänçä garaş – diýipdir.

Horaz onuň aýdanyny etmän, bişmedik üzümleri çokalap-çokalap doýup, zordan öýüne gelipdir-de:

– Wah, öldüm, maňa bir zat boldy – diýip gygyrypdyr.

Towuk oňa ýagsürgi beripdir weli, horaz gutulypdyr.

## II

Horaz gutulandan soň, meýdana çykypdyr. Ol derläp, çeşmeden sowuk suw içmäge barypdyr. Towuk oňa:

– Horaz, entek garaş, içme, sowuklarsyň – diýipdir.

Horaz gulak asman, sowuk suwdan içipdir weli, şol wagt gyzzyrma tutupdyr. Towuk ony zordan öýüne getirip, bir ajy derman beripdir. Horaz köp wagt ýatyp, gyş düşende gutulypdyr.

## III

Horaz gutulandan soň, derýanyň doňanyny görüp, buzuň üstünde taýyp oýnasy gelipdir. Towuk oňa:

– Sen howlukma, heniz derýa gaty doňmandyr, buz döwlüp, heläk bolarsyň – diýipdir.

Horaz onuň aýdanyna gulak asman, ýukajyk doňan buzuň üstüne münüpdir. Buz döwlüpdir we horaz buzuň aşagyna gidipdir. Her niçik horazy gark bolmanka halas edipdirler. Şondan soň horaz her bir işde sabyrly bolup, dostlaryna gulak asypdyr.



# Şänik

*(Hekaýa)*

Bäşim aga obada ýaşaýar. Ol bir gün ir bilen turdy-da, ýaňy bişen erikden bir bedre ýygdy. Soňra bolsa aýaly Kümüşgözel ejä ýüzlenip:

– Men şähere, Mekanlara baryp geljek. Agtyklarym Kakajan bilen Mährini hem görerin – diýip, heniz gün gaty gyzmanka ýola düşdi.

Bir sagat töweregi ýörän awtobus şäheriň gyrasyndan girdi. Bäşim aga şäheri synlap gelşine:

– «Ak şäherim – Aşgabat» diýerçe-de bar. Tüweleme, ynha, indi şäher has-da gözel bolupdyr. Paýtagt diýip şuňa aýdaýsaň! – diýýärdi.

Bäşim aga şäheriň gözel görküne guwanyp gelşine, ýurt Garaşsyzlygy ýyllary içinde gurlan ajaýyp binalary ýeke-ýekeden göz öňünden geçirdi. Ol



göwün ýüwürdip gelşine ogly Mekanlaryň ýaşaýan ýerine ýeteni-ni-de duýman galdy.

– Atam gelýär, atam gelýär!..

Daşarda oýnap ýören Kakajan atasyny göreninden, ylgap onuň öňünden çykdy. Ol bärden barşyna atasynyň gujagyna doldy. Soňra bolsa atasyna ýüzlendi.

– Ata, aý, ata, ol erikleri bize getirdiňizmi?

– Hawa, köşegim, Mähri jan bilen ikiňize getirdim!

Bäşim aga ogly Mekan, gelni Tyllagözel bilen saglyk-amanlyk soraşdy-da, agtyklarynyň ýanlaryna bardy.

Onýança Tyllagözel gelin bir tabak erigi ýuwdy-da, ortara goýdy. Erikden alyp iýip başlan çagalar onuň şäniklerini elleriniň tersine zyňyp başladylar.

Muny gören Bäşim aga:

– Erik şänigi zyňylýan däldir, köşeklerim! – diýdi.

Bäşim aga, daşy iýlen erik şäniklerini ýygnaşdyrdy-da, olary döwüp, agtyklaryna görkezdi.

– Ine, serediň, maňyzlary bar. Alyň, iýip görüň, süýjüdir – diýip, ol döwen şänikleriniň maňyzlaryny agtyklaryna berdi.

Bäşim aga çaý içip otyrka erik hakynda beren gürrüňleriniň agtyklaryna täsir edendigine az begenmedi. Kakajan bilen Mähri iýen erikleriniň şäniklerini atasyna görkezip:

– Ata, aý, ata, serediň, şäniklerimiz näçe boldy! – diýdiler.

– Ýygnaberiň. Döwüp bererin. On sany şänigi bolsa aýry goýuň.

– Olary näme etjek, ata?

– Güýzde ekeris. Geljek ýazda bolsa gögerip çykar. Sanlyja ýyldan bolsa, ine, şular ýaly, süýji erik getirip başlar.

Atasynyň bu gürrüňleri Kakajan bilen Mährä täsin bolup eşidildi.

– Ata, aý, ata, erik agajy hem şänikden gögerýärmi?

– Hawa, köşeklerim, bilip goýuň, erik agajy hem şänikden gögerýär.

Erik, onuň şänigi baradaky gürrüňler wagty bilen gutarmady. Bilesigeliji agtyklar sowal yzyna sowal berdiler.

– Ata, aý, ata, erigi guradyp, kişde-de edip iýýärler gerek?

– Erik diýilýän iýmiş dermandyr. Özi hem ýüregi agyrýan adamlar üçin gowy bolýar. Ol çagalar üçin has-da ýokumly.

Kakajan ekmek üçin aýryp goýan şäniklerini atasyna görkezip:

– Ata, bu şänikleri haçan ekmeli? – diýdi.

– Gowuja gurasyn. Güýz gelende bileje ekeris. Bu şänikleriň hersinden bir düýp erik nahaly gögerip çykar.

Bu gürrüňlerden soň birnäçe aý geçdi. Bäşim aga güýz aýlary ýene-de şähere gezmäge – agtyklaryny görmäge geldi. Özi-de agtyklaryna erik kişdesini, erik mürepbesini getiripdir. Atasyny gören agtygy:

– Ata, ýygnap goýan erik şäniklerimiz hem bardyr. Ekip gitmegi ýatdan çykaraýmaň – diýdi.

Agtyjagynyň bu sözlerine begenen Bäşim aga:

– Hökman ekeris, onda-da bileje ekeris, köşek! Şänikler meniň hem ýadymda – diýdi.

Bäşim aga şol gün agtyklary bilen erik şäniklerini ekip, oba – yzyna dolandy.

Aradan birnäçe aý geçdi. Sowuk, garly-ýagyşly günleri bilen gyş gutaryp, ýaz geldi. Ot-çöplere jan girip, daş-töwerek göm-gök öwüsdi.

Giň howludaky kemsiz güllän eriklerini synlap duran Bäşim aganyň bu wagt keýpi kökdi. Ol uçup ýören balarylary synlap durka, ony aýaly Kümüşgözel eje telefona çagyrdy.

– Atasy, seni agtygyň telefona çagyrýar!

Bäşim aga öýe girip, telefony eline alandan, aňyrdan şadyýan çaga sesi eşidildi.

– Ata, buşluk, eken şäniklerimiz gögeripdir!..

*Pirnepes Öwezliýew*

# Pagta çigidi

*(Hekaýa)*

Gyşyň sowuk günleridi. Çal serçe hem açlykdan ýaňa ganatlaryny zordan ýaýyp, iým gözleýärdi. Birden keseklериň arasynda ýatan nohut ýaly gara zady gördi. Ol pagta çigididi. Serçe çokjak bolup çüňküni uzatdy welin, birden çigit dillendi:

– Eý, guşjagaz, sen meni çokma! Ýeke çigitden aňryňa zat düşmez. Wagty gelende meniňem saňa ýagşylyk eden ýerim bolar.

– Şeýlemi?

– Gowusy, meni hiç kim görmez ýaly, ýylyja ýerde ýygşyr.

Serçe onuň diýşi ýaly etdi. «Özüm sowukdan doňup barýan halyma ony gizlän bolýan-a. Ýogsa-da, ol maňa näme ýagşylyk edip biler?» diýip pikirlendi. Çigit ýene-de dillendi:

– Bahar paslynda ýanyma gel, şonda görersiň.

Ahyry bahar hem gelip ýetdi. Çal serçäniň hälki çigit ýadyna düşdi. «Habar alaýyn, ol şindizem şol ýerde ýatyrmyka?» diýip, ýygşyryp goýan ýerine geldi. Görse iki gulaklyja gämik ösüp otyr.

– Serçe, näme, meni tanamadyňmy? Men şol çigitden çykan gämik-dä!

Serçe geň galyp, onuň gapdalyna gondy.

– Serçe, hany, ýadyňa sal, sen birwagtlar meniň saňa ýagşylyk edip biljekdigime ynanmandyň. Indi men seni tomusda jokrama yssydan halas ederin. Güýzde bolsa saňa sowgat bererin – diýip, gämik dillendi.



Serçe gämigi özüne dost tutunyp, şol ýerde höwürtge ýasanyp, çagajyklaryny ösdürip ugrady. Güýzde gündizlerine howa yssy bolsa-da, gijelerine sowaýardy. Pagta çigidinden ösüp çykan gowaça ulalyp, tas adam boýy boldy. Onuň şahalarynda goçak-goçak gozalar düzüm-düzümdi. Soňra olar patrak ýaly açyldylar. Çal serçe bu ýagdaýa örän geň galýardy. Şahalaryndaky gozalar biri-biriniň yzyndan açylyp, ýylgyryşyp, ýüzüne bakyşyp durdy. Körekleri ýaryp çykan pagta süýümleri şeýle bir mylaýym hem ýeňildi.

– Eý, serçe, şu süýümleri ýygnap, öýüňe daşa, hökman gerek bolar – diýip, gowaça dillendi.

Çal serçe pagtalary ýygnady. Ol çigidi aýrylan pamykdan ýüplük egrip, mata dokady. Çagalaryna geýim-gejim tikdi. Çigitleri bolsa, gyşda doňmaz ýaly, ýyly ýerde ýygşyrdy. Indi olara gyş gorkuly däl.

*Atamyrat Çopanow*





# Sary serçejik

*(Hekaýa)*

Howlynyň ortasynda seleňläp ösüp oturan garry şatuduň bir pudagynda bir höwürtge bardy. Şol höwürtgede bir serçe maşgalasy ýaşaýardy. Bu maşgalada ene serçeden hem-de maşgalabaşy – kaka serçeden başga, ýene dört sany çaga serçe bardy. Olaryň iň kiçijigine sary serçe diýerdiler.

Bu maşgala örän agzybirdi. Sebäbi olaryň arasynda tertip-düzgün juda berkdi. Bu maşgalada arassaçylyga aýratyn sarpa goýulýardy.

Saryja serçejigi ene serçe-de, kaka serçe-de, beýleki serçejiklerem gaty eziz görýärdiler. Oňa köp ýagdaýda, körpeje bolansoň, geçirimlilik ederdiler.

Bir gün ene serçe bilen kaka serçe meýdandan köp iýmit getirdiler. Olaryň ählisi iýmit iýmek üçin saçagyň başyna üýşdüler. Emma olaryň arasynda sary serçejik ýokdy. Ene serçe howsalasyny daşyna çykardy.

– Sary serçäm, balajygym ýog-a? Oňa näme bolduka?

Serçejikleriň çüňki iýmite batmady. Olar hem ejeleriniň gaýgysyna goşulyp, zaryn jürküldeşdiler.

Hernä, edil şol wagt sary serçejik kürsäp içeri girdi. Ol gele-gelmäne:

– Ine, men geldim! – diýip, gaýta-gaýta jürküldedi. Soň saçagyň üstündäki bol iýmiti görübem:

– Eje jan, men gaty ajykdym-a, iýjeg-ä! – diýip, saçaga topuldy.

Emma kaka serçäniň gaharly jürk-jürki ony saklady.

– Saklan, üstüňden gelýän porsy ys näme? Ganat-periňdäki, çüňküňdäki, aýaklaryňdaky hapa näme?

Sary serçäniň üstünden gelýän erbet ysy indi beýleki serçejiklerem duýdy. Olar hem ýerli-ýerden «jürk-de-jürk» boluşdylar.

– Porsy ys bar!

– Içerde durar ýaly däl-ä.

Kaka serçe gazaply jürküldedi.

– Beýle hapa ysyň bilen içerde durma. Ugra, çyk öýden!

– Çyk öýden! – diýip, ganat-perleri tämizje serçejikler hem ýerli-ýerden jürküldeşdiler. Diňe ene serçe sesini çykarmady-da, ahmyr bilen saryja serçä garap oturdy.

Saryja serçäni hapysalygy üçin öýden çykarmaly diýen netijä gelip, oňa çäre gördüler.

Ol indi nirä gitsin?! Gün ýaşyp gelýär. Howludaky ullakan ala pişik awuny agtaryp, şu töwereklerde aýlanyp ýör. Ol eýmenç pişigi saryja serçäniň özi hem gördi.

Saryja serçe gorkdy, üşedi, ajykdy. Indi oňa barmysyň hem diýýän ýokdy. Ol gorkudan ýaňa darygyp, aglap başlady. Saryja serçäniň gözlerinden akýan gözýaşlar hünji ýaly bolup ýere seçelenýärdi.

– Eje jan-eý! Indikide etmen-eý.

– Näme boldy?

Saryja serçe kimdir biriniň sesine tisginip gitdi-de, ganatlaryny pelpelledip, azajyk uçdy-da, ýene gelip öňki şahasynda oturdy.

Oňa habar gatýan ata serçedi. Ol indi gaty gojalypdy. Özi hem hemişe ýekedi. Ýelekleri tüýdülişip, perleri çaşyp ýatyrdy. Käte-käte bolsa onuň gursagyndaky ýumşajyk perjagazlary gopuşyp, şemalyň ugruna gaýyşyp gidýärdi.

– Näme boldy? – diýip, ata serçe howlukman ýene sorady. saryja serçejik bolsa içi-içine sygman, jürküldäp aglady-da, bolan wakany gürrüň berdi.

– «Sen hapa» diýip meni öýden kowdular. Olar indi gaýdyp meni öýe goýbermezler.

– Bolmandyr. Arassaçylyk ähli guşuň bezegidir. Arassaçylygyň ýok ýerinde süýji durmuş bolýan däldir. Sen hem arassaja bolan bolsaň ýagşy bolardy.

– Indi men näme etsemkäm? – diýip, ol serçejik gaýga batyp oturyşyna aýtdy. Ata serçe oňa seretdi-de ýylgyrdy:

– Sen, şo-ol suwly salmany görýärmiň?

– Görýärin.

– Bar, şol suwa ganat-periňi, aýaklaryňy, ýüzüňi gowy edip ýuw! Suw arassaçylygyň enesidir!

Saryja serçejik salmanyň boýuna bardy-da, akar suwa ýagşyja ýuwundy. Soňra olar saryja serçejigiň öýüne bakan uçup gitdiler.

– Bar, gorkma, indi giriber!

Saryja serçe öýlerine gorka-gorka girdi. Birden içerä sähra şemalynyň, güýz gülleriniň, gallaly meýdanyň ýakymly ysy ýaýrap gitdi. Hemmeler gapa seretdi. Olaryň gözi işikde boýunjygyny burup, ötünç soraýan ýaly bolup oturan körpejä düşdi. Ene serçäniň şatlykly sesi eşidildi.

– Meniň balajygym ap-akja bolup gelipdir. Ap-akja balajygym, gel, geç, men saňa süýjüje däne goýdum. Gel, çok – diýdi. Saryja serçejik özüniň bagyşlanylmagyna begenip, şadyýanja saýrady-da, bol iýmitli saçagyň başyna geçdi.

*Öwezdurdy Nepesow*



# Akpamyk

*(Türkmen halk ertekisi)*
*(Gysgaldylyp alyndy)*

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym wagtda bir adamyň ýedi ogly bar eken. Bularyň käri aw awlamak eken. Bularyň birem gyz dogany ýok eken. Bir gün eneleri göwreli bolupdyr. Enesiniň aý-güni dolan wagty, bular awa gitmekçi bolup, atasyna:

– Biziň gyz doganymyz bolsa, howlymyzyň agzyndan gurjak asyp goýuň, erkek doganymyz bolsa, ok-ýaý asyp goýuň – diýip gidipdirler.

Bularyň yzynda gyz dogany bolupdyr. Atasy derwezeden gurjak asyp goýupdyr. Emma goňşulary ýamanlyk edip, muny aýryp, ok-ýaý asyp goýupdyrlar. Bular awdan gelenlerinde, ok-ýaýa gözleri düşüp: «Hudaý gyz dogan bermändir» diýip öýkeläp gidip, bir dagyň gowagynda jaý tutup, aw awlamak bilen gün görüp başlapdyrlar.

Ata-enesi täze bolan gyzyň adyna Akpamyk dakyp, oglanlarynyň ýoluna göz dikip, garaşyp başlapdyrlar. Bir gün geçipdir, gelmändirler, bir aý geçipdir, gelmändirler, bir ýyl geçipdir, gelmändirler. Şunlukda, bular oglanlaryndan tamany üzmeli bolupdyrlar. Ata-enesi garry bolansoň, ogullarynyň ugruna çykyp bilmändirler, gyzlaryna hem hiç zat aýtmandyrlar.

Aý geçip, ýyl geçip, gyz dokuz-on ýaşyna barypdyr. Bir gün goňşulary üme edipdir, Akpamygyň enesine hem gelip:

– Gyzyňy ümä ber! – diýip sorapdyrlar.

Enesi:

– Honha, özi razy bolsa, gidibersin, özüne aýdyň – diýip jogap beripdir.

Akpamyk hem göwünli bolup, ümä barýar. Ümä baran gelinleriň biri Akpamygy synap görmek üçin we oňa gizlin bolan bir syryň üstüni açmak üçin şeýle diýýär:

– Kimiň erkek dogany bolsa, törde otursyn, kimiň erkek dogany bolmasa, aşakda – külüň üstünde otursyn.

Bu sözden soň Akpamyk hem baryp, külüň üstüne geçip oturýar. Muny görüp bir garry kempir Akpamyga:

– Wiý, keýgim, sen ýokarrak geç – diýýär.

Akpamyk:

– Weý, ene, meniň erkek doganym ýok ahyry – diýen.

– Aý, ýüzügara, iliň birki sany dogany bar bolsa, seniň ýedi sany aždarha ýaly doganyň bardyr, ýokaryk geç, ýokaryk!

Akpamyk geň galyp:

– Men bu wagta çenli muny atamdan-enemden eşitmändim-le – diýen.

Onda garry ene aýdan:

– Keýgim, olar garry bolansoň, özleri gidip bilmeýärler. Sen gider öýdüp, aýdýan däldirler. Seniň doganlaryň pylan dagyň gowagynda ýatandyrlar. Men saňa eneňe aýtdyrmagy öwredeýin. Sen baryp: «Ene, maňa gowurga edip ber!» diý, edip berer welin, her zat bilen berse-de alma, «Eliň bilen ber!» diýip aýt. Gazanyň üstünden eli bilen berer welin, eliniň daşyndan tutup, gysyp sorasaň aýdar. Ýogsam, aýtmaz – diýen.

Akpamyk ümeden gaýdyp, öýlerine gelip:

– Aý, ene, meniň kelläm agyrýar, sen birazajyk gowurga edip ber, şondan iýsem, gowy bolaýjak ýaly – diýipdir.

Ejesi derrew gowurga edip, eli bilen goşawuçlap alýar-da, Akpamyga uzadýar. Şol wagt Akpamyk enesiniň eliniň daşyndan pugta tutýar. Enesi:

– Waý, elim ýandy – diýýär.

Akpamyk:

– Ene, meniň doganlarym barmy, ýokmy, aýt – diýýär.

Enesi gyzgyna çydaman:

– Bardyr, emma sen bolanyňda gidişleridir – diýýär.

– Heý, barmyş sesi barmy?

– Pylan dagyň gowagynda bar sesi bar.

Akpamyk ejesiniň elini goýberip:

– Men şol ýere gitjek – diýýär.

Ejesi:

– Sen tapmarsyň, men bir kökejik bişirip bereýin, şony tigirle-de git, nirä baryp dursa, doganlaryň şol taýda bolar – diýýär.

Akpamygyň ejesi bir köke bişirip beripdir. Akpamyk kökejigini öňüne salyp tigirläp ugran. Akpamygyň bir pişijegi bar eken, olam Akpamygyň yzyna düşüp, üç tirkeş bolup, ýola düşüpdirler. Biraz ýöränlerinden soň, Akpamyk dem-dynjyny almak üçin ýol ugrunda birazajyk irkilýär. Şol wagt pişigi kökejigiň bir gyrasyny gädäýipdir. Akpamyk ýene tigirlejek bolupdyr, emma bolmandyr. Derrew palçyk edip, kökäniň gädik ýerini bekläpdir. Ondan soň, ýene-de kökejigini tigirläp gidiberipdir. Ol ahyrsoňy bir dagyň gowagyna barypdyr. Görse gowagyň içi ganly-ganly geýimden doly, birnäçe bölek et asylyp goýlupdyr.

Akpamyk bu geýimleri ýuwup, etden nahar bişirip, taýyn edip goýan. Bir görse, birtopar adam gelýär. Akpamyk bir ýere



bukulypdyr. Doganlary gelip görseler, hemişeki ýaly däl, nahar bişirilgi, geýimleri ýuwulgy. Bular bu gije geýimlerini çalşyryp, arkaýyn ýatýarlar. Ertir ýene awa gidýärler. Akpamyk ýene ganly geýimleri ýuwup, nahar taýyn edip, bir ýerde bukulypdyr.

Bular gelip görseler, düýnküden hem gowy edilip goýlupdyr. Olar: «Geliň, birimiz garawullalyň, bu zatlary edýän kimkä, bileliň» diýip, maslahat edýärler. Birinji gezek iň ulusy galyp saklapdyr welin, ýadaw awçy tiz uklapdyr. Akpamyk onuň uka gidenini bilip, bukulan ýerinden çykyp, geýimleri ýuwup, nahar bişirip, ýene bukulypdyr. Doganlary gelip görseler, nahar taýyn, geýimler ýuwulgy. Olar «Kim edýän eken?» diýip sorasalar, ol dogany: «Men uklap galypdyryn» diýýär.

Ertir ondan kiçisi saklapdyr. Bu hem uklap galypdyr. Ahyry iň kiçisi galypdyr. Ol külbike barmagyny dilip, duz sepipdir, onsoň gözüne uky gelmändir. Birden gyz çykyp, geýimleri ýuwup, nahar atarmaga duranda, ýaňky saklamaga galan dogany bukulan ýerinden çykypdyr-da:

– Ynsam bolsaň, jynsam bolsaň, dur-da, kimdigiňi tanat! – diýipdir.

Akpamyk:

– Men yns-da däl, jyns-da, öz doganyňyz – diýipdir.



Bular tanşyp, beýleki doganlary gelýänçä, nahar taýyn edip goýupdyrlar. Soňra kiçi dogany uly agalarynyň öňünden buşlap çykypdyr. Doganlary gyz doganynyň bolup, yzlaryndan gelenine köp şat bolupdyrlar. Bular Akpamygy keýigiň ýiligi bilen bakyp başlapdyrlar.

Aradan birnäçe gün geçipdir.

Akpamygyň pişijegi onuň oduny söndürýär.

Akpamyk çakmak bilen ot aljak bolýar welin, hiç bolmaýar, naharam gijä galyp barýar. Ahyry bialaç bolup, töweregine garaýar, görse bir ýerden tüsse görünýär.

Akpamyk şol tüsseden ot getirmäge ugraýar. Baryp, gapydan salam berip girýär welin, görse bir çal döw otyr. Döw Akpamygy görüp:

– Şunça salam bermedik bolsaň, iki üzüp, bir ýalmardym. Gel, gyzym, meniň başymy gözläp ber! – diýýär.

Akpamyk birsalym döwüň başyny gözläp:

– Döw aga, men ot almaga geldim – diýýär.



Döw:

– Onda sen etegiňi tut! – diýip, Akpamygyň etegine ilki bir köz atyp, yzyndan kül guýup: «Bar, gyzym» diýip ugradýar.

Akpamyk ody alyp ugraýar, emma ýaňky külüň aşagyna atylan köz etegini çalaja deşip, ondan kül az-azdan dökülip, yz bolup gelipdir. Emma Akpamyk mundan bihabar, gelip nahar bişirip, taýyn edip goýýar. Doganlary awdan gelip, ertesi ýene awa gidýärler welin, döw küli yzarlap gelýär. Akpamyk döwüň gelýänini görüp, gapyny içinden bekläp oturýar. Döw:

– Gapyny aç, bolmasa-da barmagyň birini gapynyň arasyndan çykar! – diýýär.

Akpamyk barmagyny çykarýar. Döw barmakdan pugta tutup, bir temen bilen deşip, ganyny sorýar. Yzyndan hem:

– Doganlaryňa aýtsaň, iýerin – diýip, yzyna gaýdýar.

Akpamyk gorkusyna doganlaryna hiç zat aýdyp bilmeýär. Döw her gün gelip, Akpamygyň barmagyndan ganyny sorup gidýär. Akpamyk bolsa gün-günden horlanýar. Doganlary «Saňa näme bolýar?» diýip sorasalar hem: «Maňa hiç zat bolanok» diýip, jogap berýär.

Doganlary:

– Geliň, şuny saklalyň – diýşip, awa ugran bolup, bir ýerde bukulyp ýatýarlar.

Akpamyk hemme işlerini jaýba-jaý edip, döwüň geler wagty bolanda, gapyny içinden bekläp oturýar. Hemişe gan sormaga öwrenen döw gelip, gapyny kakýar welin, ýedi dogan ýedi ýerden topulyp, döwüň janyny asmanda kakýarlar. Emma onuň kellesi «Çöpden-çörden kän bolup gelerin» diýip, togalanýar ötägidýär. Akpamygyň doganlary onuň yzyndan ýetip bilmän galýarlar. Birnäçe wagt geçensoň, ol kelle birnäçe döw bolup gelip, ýedi doganyň ýedisini hem öldürip, etlerini iýip, süňklerini taşlap gidýärler. Akpamyk bolsa keýik derisiniň aşagyna girip bukulýar.

Döwler muny görmeýärler. Akpamyk aman galýar. Akpamyk doganlarynyň süňklerini bir ýere ýygnap, üstüni keýik hamlary bilen basyryp, bir aty münüp, galama-gala aýlanyp, bilimli adamlardan doganlaryny nädip direldip boljagyny sorap ýörkä, bir garry aýalyň üstünden barypdyr.

Garry:

– Gyzym, seniň doganlaryňy döw öldüren bolsa, ony direltmegiň alajy bolar, emma gaty kyndyr. Akmaýa diýen bir düýe bardyr, şonuň süýdünden getirip sepseň, jana gelerler, emma Akmaýa adam görse iýer. Ýöne köşegi adamy gaty gowy görýär. Şol kömek berer – diýip aýdan.

Akpamyk ahyry bir Akmaýanyň köşeginiň üstünden barýar. Köşek Akpamygy görüp, oýnap, bökjekläp ýanyna gelen. Akpamyk köşegiň ýüzünden, gözünden sypap, köp mähribanlyk edip, ahyry arzy-halyny aýdypdyr.

Köşek:

– Bolýar, emma enem bilse, ikimizem iýer, gel, sen meniň goltugymyň aşagyna girip, tüýe gabsanyp bar. Men emip, ýanlyga guýaýyn – diýen.

Akpamyk:

– Bolýar – diýip, köşegiň tüýüne gabsanyp oturypdyr.

Köşek enesiniň ýanyna baran mahaly Akmaýa:

– Adam ysy bar! – diýip, tarp urup başlan.

– Ene jan, adam näme işlesin? – diýip, köşegi ýalbarandan soň, Akmaýa köşeşip emdirmäge duran. Akpamygyň ýanlygy dolansoň, köşek usullyk bilen aýrylyp, otlan bolup, arany açyp ugran. Emma Akmaýa-da müňkür bolup, onuň yzyndan seredýär eken. Akpamyk ozal atyny bir ýerde gizlän eken, köşek otlan bolup, atyň ýanyna golaýlanda, Akpamyk çykyp, ata bakan ugran. Akmaýa-da muny görüp topulan. Akpamyk hem zordan ata münüp gaçypdyr. Akmaýa kowup, ýetip bilmän galypdyr. Akmaýa dola-

nyp gelýärkä, köşegine: «Gara daşlar bolgaý sen, balam» diýip, gargyş edýär. Köşegi şo taýda gara daş bolup doňup galýar.

Akpamyk Akmaýanyň süýdüni getirip, doganlarynyň süňklerini ýerbe-ýer goýupdyr welin, biriniň ýagyrnysynyň süňküni tapmandyr, ony döw çeýnäpmi, nädipmi, garaz, ýok eken. Onsoň doganlarynyň beýleki süňkleriniň hemmesini ýerbe-ýer goýup, süýdi üstüne sepip, bir gara keçä dolapdyr. Birnäçe wagt geçenden soň, doganlary asgyryşyp, «Aý, gaty kän ýatypdyrys» diýşip, ýerlerinden galypdyrlar.

Akpamyk bulara hemme eden işini aýdyp beripdir. Bular doganlarynyň özleri üçin kän alada edenine köp şat bolupdyrlar. Emma özgesi bitin bolup, ýeke iň kiçileriniň ýagyrny süňküniň birjigi kem bolupdyr.

Ýedi dogan täzeden öňki ýaly aw awlap ýörýär. Soň Akpamyk ýedi doganyny öýerip, her haýsysyna gelin alyp beren. Doganlary Akpamygy öňküdenem gowy görüpdirler.



# MAZMUNY


BAKJA TOPARY ........................................ 9

KIÇI TOPAR ........................................ 15

ORTA TOPAR ........................................ 36

ULY TOPAR ........................................ 64

MEKDEBE TAÝÝARLAÝYŞ TOPARY ........................................ 102